**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– HAZAR DEŇZINIŇ TÄSIN EKOULGAMYNY, BIOLOGIK KÖPDÜRLÜLIGINI, SEÝREK DUŞ GELÝÄN ÖSÜMLIK WE HAÝWANAT DÜNÝÄSINI GORAP SAKLAMAK DÖWLETIMIZIŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARYNYŇ BIRIDIR.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
14-nji awgust, 2026. Belgisi 33/1703




# HAZAR DEŇZI – DOSTLUK DEŇZI

***12-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Hazar deňziniň güni giňden bellenildi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Berkarar» myhmanhanasynda guralan «Hazar deňziniň ekoulgamyny goramak: sebit hyzmatdaşlygy we durnukly ösüş» atly ylmy-amaly maslahat Hazar deňziniň güni mynasybetli çäreleriň esasysy boldy.***

Maslahata ýurdumyzyň Hökümet agzalary, degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri, ugurdaş düzümleriň, ylmy edaralaryň hünärmenleri, daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky ilçihanalarynyň, halkara we sebit guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Maslahatyň öňüsyrasynda myhmanhananyň eýwanynda Hazar deňziniň tebigy gözelliklerini, Diýarymyzyň tebigaty goramak ulgamynda ýeten sepgitlerini beýan edýän sergi ýaýbaňlandyryldy.

Forumyň açylyş dabarasynda hormatly Prezidentimiziň maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagy ök aldy. Gutlagda döwlet Baştutanymyz Hazar deňziniň täsin ekoulgamyny, biologik köp dürlüligini, seýrek duş gelýän ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamagyň döwletimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini aýdyp, Türkmenistanyň bu ugurda halkara guramalar, Hazarýaka döwletler bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýandygyny, ýurdumyzyň öňe sürýän Hazar ekologik başlangyjynyň deňziň ekoulgamyny goramakda, tagallalary birleşdirmekde we geljek nesiller üçin bu täsin tebigy baýlygy aýawly saklamakda möhüm ädimleriň biridigini nygtady.

Türkmen tarapynyň çykyşlarynda bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlary esasynda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysady ösüşini daşky gurşaw bilen sazlaşykly alyp barmaga gönükdirilen ekologiýa syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak, ekologik taýdan arassa tehnologiýalary, «ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmak, ýurdumyzda we sebitde ekologik howpsuzlygy üpjün etmek, biodürlüligi goramak meselelerine aýratyn üns berilýär. Hazar sebitinde söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň ösdürilmegi ugrunda başlangyçlar üstünlikli amala aşyrylýar. Bu başlangyçlar Hazar deňzini parahatçylygyň, ynanyşmagyň we ekologik taýdan abadançylygyň mekanyna öwürmäge gönükdirilip, Hazarýaka döwletleriň we iri halkara guramalaryň giň goldawyna eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabatda birinji Hazar sammitiniň, birinji Hazar ekologiýa forumynyň we «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda birinji Hazar ykdysady forumynyň geçirilmegi Hazarýaka döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde ýurdumyzyň uly orun eýeleýändigini görkezýär. 2022-nji ýylyň 29-njy iýunynda Aşgabatda altynjy Hazar sammitiniň geçirilmegi Hazaryň ekoulgamyny goramak üçin hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini giňeltmekde nobatdaky ädim boldy.

Ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň, beýleki iri forumlaryň münberinden beýan eden hem-de daşky gurşawy goramak, suw-energetika serişdelerini rejeli peýdalanmak meselelerini çözmäge, Hazar deňziniň ekologiýasyny goramagyň ygtybarly ulgamyny döretmäge gönükdirilen netijeli başlangyçlary halkara bileleşik tarapyndan ykrar edilýär. Şunda 2023-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň öňe süren Hazar ekologik başlangyjynyň ähmiýeti nygtaldy. Bu başlangyç Hazar deňziniň daşky gurşawyny, onuň bioserişdelerini gorap saklamak, ekologik meseleleri çözmek bilen baglanyşykly wezipeleriň giň toplumy boýunça hyzmatdaşlyk üçin halkara meýdançany döretmäge gönükdirilendir. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisinde 2026-njy ýylda Hazar ekologiýa forumyny geçirmek barada öňe süren teklibiniň ähmiýetine üns çekildi. Munuň özi Türkmenistanyň Hazar deňziniň ekoulgamyny gorap saklamaga aýratyn üns berýändiginiň aýdyň beýany bolmak bilen, Hazarýaka döwletleriň ekologik abadançylygyna gönükdirilen tagallalary birleşdirmekde wajyp gural bolup hyzmat eder.

Çykyşlarda Hazarýaka döwletleriň bäşisi tarapyndan tassyklanylan döwletara we hökümetara ylalaşyklaryň çäklerinde ýurdumyzyň degişli edaralarynyň alyp barýan işleri barada-da maglumat berildi. Nygtalyşy ýaly, Hazaryň biologik serişdeleriniň, deňiz gurşawynyň ýagdaýyna yzygiderli gözegçiligi amala aşyrmak, ylmy barlaglaryň giň toplumyny geçirmek möhüm wezipeleriň hataryndadyr. Bu ugurda «Hazar» döwlet goraghanasy deňziň ösümlik, haýwanat dünýäsini gorap saklamakda we öwrenmekde uly orny eýeleýär. Goraghana Hazar sebitinde ýaşaýan seýrek we ýitip gitmek howpy abanýan ösümliklerdir haýwanlaryň, şol sanda Hazar düwlenleriniň, balyklaryň, guşlaryň dürli görnüşleriniň, beýleki haýwanlaryň goragyny üpjün edýär. Şeýle-de bu ýerde Hazar deňziniň ösümlik, haýwanat dünýäsini öwrenmek, ekoulgamlaryň ýagdaýyna gözegçilik etmek, olary goramak boýunça çäreleri işläp düzmek üçin ylmy barlaglar geçirilýär.

Soňra daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky ilçihanalarynyň, halkara we sebit guramalarynyň wekillerine söz berildi. Çykyş edenleriň belleýişleri ýaly, Hazar deňzi dostlugyň, parahatçylygyň, howpsuzlygyň we hyzmatdaşlygyň, ylalaşygyň deňzi bolmak bilen, sebit ýurtlarynyň ykdysady mümkinçiliklerini, taryhy gatnaşyklaryny baglanyşdyrýar. Hazarýaka döwletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň we hyzmatdaşlygyň barha pugtalandyrylmagy sebitde parahatçylygyň, durnukly ösüşiň berk binýadyny emele getirýär. Kenarýaka ýurtlar Hazar deňzini parahatçylygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň giňişligi hökmünde saklamak ugrunda edilýän ähli tagallalary doly goldaýarlar. Bäş ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň gatnaşmaklarynda geçirilýän Hazar sammitleri, Hazar ykdysady forumlary hem-de daşary işler ministrleriniň derejesindäki duşuşyklar, beýleki çäreler köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürmäge ýardam edýär.

Hazarýaka döwletleriň arasynda ykdysady we ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyk hem barha giňeldilýär. Hususan-da, Ýewropa bilen Merkezi Aziýany baglanyşdyrýan esasy ugur bolan Hazarüsti halkara ulag geçelgesini ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Munuň özi sebit ýurtlarynyň arasynda ykdysady gatnaşyklary ilerletmäge, ýük daşamalaryň wagtyny gysgaltmaga mümkinçilik berýär. Häzirki döwürde howanyň üýtgemegi bilen baglylykda, Hazar deňzi hem ekologik wehimler bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Bu mesele ylmy taýdan esaslandyrylan, bilelikdäki çemeleşmäni talap edýär. Hazar deňziniň suwunyň derejesiniň peselmegi 2022-nji ýylda Aşgabatda geçirilen altynjy Hazar sammitiniň esasy meseleleriniň biri boldy. Şeýle hem Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde guralan duşuşyklarda deňziň derejesiniň peselmeginiň öňüni almak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Çykyş edenler ýurdumyzyň bu ugurda durmuşa geçirýän başlangyçlaryna we bilelikde iş alyp barmak üçin döredilýän mümkinçiliklere ýokary baha berdiler.

Maslahatda Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýanyň çäklerinde 20 ýylyň dowamynda alnyp barlan işlere syn berildi. Bu konwensiýanyň özboluşlylygy onuň ekologiýa we tebigatdan oýlanyşykly peýdalanmak çygrynda Hazar sebitiniň döwletleriniň gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän ilkinji halkara hukuk namasy bolmagydyr. Konwensiýa onuň binýadynda kabul edilen ýörite Teswirnamalar arkaly taraplaryň borçlaryny has takyk kesgitlemäge, ekologik wehimlere çalt seslenmäge mümkinçilik berýär.

Tähran konwensiýasy uglewodorod serişdeleri gazylyp alnanda we daşalanda hapalanmagyň öňüni almak, deňiz gurşawynyň ýagdaýyna gözegçilik etmek, bilelikdäki ylmy barlaglary geçirmek, daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek ýaly möhüm ugurlar boýunça döwletara hyzmatdaşlyk üçin esasy meýdança bolup hyzmat edýär. Çykyş edenler konwensiýadan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmek üçin köpugurly çemeleşmäniň zerurdygyna ünsi çekip, öňde durýan meseleleri çözmekde tagallalary birleşdirmegiň, ugurdaş edaralaryň hem-de hünärmenleriň arasynda hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmagyň wajypdygyny nygtadylar. Şunuň bilen baglylykda, sebitleýin ylmy ulgamlary berkitmek, maglumat alyşmalary giňeltmek, tutuş sebit boýunça ylmy-barlag institutlaryny birleşdirýän Hazar ylym hyzmatdaşlygyny döretmek barada teklipler beýan edildi. Şunda innowasiýalary, döwrebap tehnologiýalary, gözegçiligiň hem-de monitoringiň täze usullaryny ornaşdyrmagyň, emeli aň, maglumat platformalary ýaly çözgütleri peýdalanmagyň möhümdigine üns çekildi.

Türkmenistanyň Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek baradaky başlangyjynyň uly geljeginiň bardygy nygtaldy. Ol syýasaty, ylmy, maliýe serişdelerini we innowasiýalary birleşdirýän platforma öwrülip biler. Şeýle hem ol howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, suw serişdelerini dolandyrmak, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmek, ekoulgamlary dikeltmek babatda alnyp barylýan işleri tizleşdirip biler.

Maslahata gatnaşyjylar forumyň netijelerini jemläp, Hazarýaka ýurtlarda bellenilýän Hazar deňziniň gününiň sebitde hyzmatdaşlygy, parahatçylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmagyň möhümdigini ýene-de bir gezek äşgär edýän senedigini nygtadylar hem-de Hazaryň ygtybarly ekologik goraglylygyny, onuň umumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilişini üpjün etmekde halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmegiň zerurdygyny tassykladylar.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Onda Hazar deňziniň sebitinde söwda-ykdysady, medeni-durmuş gatnaşyklarynyň ösdürilmegi ugrunda amala aşyrylýan başlangyçlar, Hazar deňzini parahatçylygyň, ynanyşmagyň, ekologik taýdan abadançylygyň mekanyna öwürmek, Hazarýaka döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek babatda durmuşa geçirilýän işler üçin hoşallyk beýan edildi.

## Ýurdumyzyň ekologiýa başlangyçlary goldaw tapýar

12-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Hazar deňziniň güni mynasybetli dabaralaryň çäklerinde Halkara Migrasiýa Guramasynyň Merkezi Aziýa boýunça sebitleýin utgaşdyryjysy Serhan Aktoprak, Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistandaky Adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi Beata Peksa, Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy Sýaoszýun Greýs Wan, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Aşgabatdaky merkeziniň ýolbaşçysy Uilýam Lif bilen duşuşyklary geçirdi. Duşuşyklarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ugurlary, hususan-da, Hazar sebitinde durnukly ösüşi üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, ekologiýa diplomatiýasyny ösdürmek ýaly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem Hazar deňziniň özboluşly ekoulgamyny gorap saklamakda bilelikdäki taslamalary amala aşyrmagyň ähmiýeti bellenildi.

Taraplar «ýaşyl» ykdysadyýete geçmegiň, energiýa howpsuzlygyny pugtalandyrmagyň, halkara guramalaryň ýöriteleşdirilen edaralary bilen özara hyzmatdaşlygy giňeltmegiň mümkinçilikleri barada pikir alyşdylar. Halkara we sebit guramalarynyň wekilleri Türkmenistanyň halkara ekologiýa başlangyçlaryna ýokary baha berip, ählumumy durnuklylygy we abadançylygy berkitmekde, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ýurdumyzyň durmuşa geçirýän taslamalaryna doly goldaw bermäge taýýardyklaryny beýan etdiler.



## Ylym-bilim ulgamy – ösüşleriň aýdyň beýany

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz syýasy we ykdysady taýdan umumadamzat bähbitlerinden ugur alýan, dünýäniň ösen döwletleri bilen bäsleşige ukyply, bilimde, ylymda-tehnikada, durmuş üpjünçiliginde, medeniýetde we sungatda dünýä jemgyýetçiligi bilen aýakdaş barýan döwlet hökmünde häsiýetlendirilýär.

Her bir jemgyýetiň ösüşinde, has ýokary derejede kämillige ýetmeginde bilim kesgitleýji orny eýeleýär. Her bir ynsan ömrüni bilime, ylma sarp etmegi bagt hasaplaýar. Gadymy döwürlerde ata-babalarymyz bilim almagy, ylym öwrenmegi parz hasaplapdyrlar. Halkyň arasynda bilimli-ylymly adamlara uly hormat-sarpa goýlupdyr.

Halkyň, milletiň ruhy kämilligini, bilim derejesiniň ösmegini kitapsyz we kitaphanasyz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Kitaphanalar halka bilim berýän, adamzady dogry ýola ugrukdyrýan hazynadyr. Kitaplar adamzat akyl-paýhasynyň jemlenen dürdäneleri bolsa, kitaphanalar şol dürdäneleriň köşkleridir. Kitap okaýan adam mydama ruhubelent, dana sözli, halkyna, Watanyna, daş-töweregi gurşap alan ähli tebigata uly söýgi bilen garap bilýär.



Taryhy maglumatlar türkmen halkynyň genji-hazynasy, paýhaslylygyň çeşmesi, öçmez-ýitmez umumadamzat hakydasynyň jemlenmesi hökmünde kitaplary we golýazmalary aýawly saklamak däpleriniň nädereje çuňdugyna hem-de dowamlydygyna aýdyň subutnama bolup durýar. ■ 3


**Tomus paslynyň süýji miwesi**
Tomus paslynda bazarlaryň bezegine öwrülýän şetdaly saglyk üçin peýdaly miweleriň biri hasaplanýar. ■ 5

**«Arkadag» topary AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşyna gatnaşar**
Ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň saýlama tapgyrynda üstünlik gazandy. ■ 7

**«Milan» we «Real Madridden» soň PSŽ**
Awstriýanyň Salsburg şäherindäki «Red Bull Arena»-da UEFA Super Kubogy duşuşygynda PSŽ bilen «Aston Willa» duşuşdy. ■ 8




# ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYK PUGTALANDYRYLÝAR

*10-njy awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Owganystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ykdysady meseleler boýunça orunbasary Abdul Gani Baradaryň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi.*

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanyp, sebitde we dünýäde parahatçylygyň, durnukly ösüşiň üpjün edilmegi ugrunda çykyş edýändigini belledi hem-de ýurdumyzyň Owganystan bilen iki halkyň abadançylygynyň bähbidine hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardygyny tassyklady.

Soňra gepleşikler iki ýurduň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi. Owganystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ykdysady meseleler boýunça orunbasary Abdul Gani Baradar Gahryman Arkadagymyzy mübärekläp, sebitde uly ähmiýete eýe bolan Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşyk işleriniň ýagdaýy bilen tanyşmak we bu ugurda öňde durýan meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin Milli Liderimiziň Owganystana amala aşyrýan saparynyň ähmiýetini belläp, tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Nygtalyşy ýaly, Owganystan bilen Türkmenistanyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklar hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri esasynda yzygiderli ösdürilýär. Şunda bilelikdäki taslamalara aýratyn orun degişlidir.

Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisi munuň aýdyň mysalydyr. Şunuň bilen baglylykda, owgan tarapynyň TOPH taslamasyna, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan ugry boýunça elektrik we optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijilerine diňe bir ykdysady nukdaýnazardan däl, eýsem, Owganystan bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşant goşjak möhüm ädim hökmünde hem garaýandygy bellenildi.

Abdul Gani Baradar bu taslamalaryň durmuşa geçirilmeginiň Owganystanyň ilaty üçin energiýa çeşmeleri babatda uly ýeňillikleri, täze iş orunlaryny döretjekdigini, owganystanly maýa goýujylara tebigy gazdan elektrik energiýasyny öndürmek üçin amatly maýa goýum şertlerini üpjün etjekdigini aýtdy. Ol TOPH taslamasy bilen baglanyşykly işleri has-da ilerletmek maksady bilen, iki ýurduň degişli edaralarynyň arasynda yzygiderli hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin bilelikdäki guraly döretmegiň zerurdygyny belläp, Owganystanyň gaz pudagynda işlejek hünärmenleri taýýarlamakda Türkmenistanyň tejribesini öwrenmäge uly gyzyklanma bildirýändigini tassyklady.

Söhbetdeşligiň dowamynda ulag-logistika ulgamyndaky hyzmatdaşlyk barada durlup geçildi. Türkmenbaşy Halkara deňiz porty sebitiň üstaşyr ulag mümkinçiliklerini durmuşa geçirmekde möhüm ähmiýete eýedir. Bu ulgamdaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi diňe bir ikitaraplaýyn gatnaşyklara oňyn täsirini ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem, sebitara özara baglanyşygyny pugtalandyrmaga-da ýardam berer. Abdul Gani Baradar iki ýurduň işewür toparlarynyň arasyndaky gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň, bilelikdäki sergileri, işewürlik maslahatlaryny yzygiderli esasda geçirmegiň söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge itergi berjekdigini aýdyp, netijeli hyzmatdaşlygy we hoşniýetli garaýyşlary üçin Türkmenistana ýene-de bir gezek hoşallygyny beýan etdi.

Gahryman Arkadagymyz görkezilen myhmansöýerlik üçin öz adyndan hem-de hormatly Prezidentimiziň adyndan owgan tarapyna minnetdarlyk bildirdi hem-de şu gezekki gepleşikleriň netijeleriniň iki halkyň abadançylygynyň bähbidine hyzmat etjekdigine ynam bildirdi. Türkmen halkynyň Milli Lideri ikiçäk düzümde geçirilen duşuşykda dürli ulgamlarda, şol sanda ýangyç-energetika, hususan-da, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy, ulag infrastrukturasy, elektroenergetika ulgamlarynda hyzmatdaşlyk meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylandygyny we bu ugurda möhüm wezipeleriň bardygyny belledi.

Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan hem-de Owganystan hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan köpugurly hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrýarlar. Gaz pudagy özara gatnaşyklaryň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ulgamda halkara ähmiýetli düýpli infrastruktura taslamalary amala aşyrylýar. Şunda üstaşyr geçiriji merkez hökmünde Owganystanyň Hyrat welaýatyna möhüm orun degişlidir. Energiýa serişdeleriniň iberilmegi, üstaşyr mümkinçilikleriň ösdürilmegi uzak möhletli energetika dialogy üçin binýady döredip, tutuş sebitiň ykdysady ösüşine ýardam berýär. Şu babatda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň ähmiýetini bellemek gerek. Bu transmilli taslama Türkmenistanyň milli ýangyç-energetika toplumyny diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilen energetika strategiýasyny durmuşa geçirmekde wajyp ädimdir hem-de tutuş sebitiň durnukly ösüşine, doganlyk halklaryň abadançylygyna gönükdirilendir.

Elektroenergetika pudagyndaky hyzmatdaşlyk ugurdaş infrastrukturany döwrebaplaşdyrmaga, goňşy ýurduň sebitlerini elektrik energiýasy bilen yzygiderli üpjün etmäge ýardam berýär. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen amala aşyrylýan Türkmenistan – Owganystan – Pakistan ugry boýunça elektrik geçirijisiniň we optiki süýümli aragatnaşyk ulgamynyň taslamalarynyň ähmiýetini nygtamak gerek. Bu taslama sanly hyzmatdaşlygy ösdürmäge, elektron maglumat aragatnaşygyny ýola goýmaga mümkinçilik berer.

Ulag-logistika pudagy Merkezi we Günorta Aziýany baglanyşdyrýan wajyp ulgam bolup durýar. Bellenilişi ýaly, yklymara geçelgeleriň çatrygynda ýerleşýän Türkmenistan durnukly ulag ulgamynda netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge ähmiýet berýär. Ýurdumyzyň halkara üstaşyr ulag geçelgelerini hem-de logistika merkezlerini döretmek, Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar halkara ulag geçelgeleriniň taslamalaryny durmuşa geçirmäge gatnaşmak, hususan-da, Beýik Ýüpek ýoluny täze taryhy şertlerde gaýtadan dikeltmek boýunça başlangyçlary muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Şunuň bilen baglylykda, «Lapis Lazuli» halkara ulag geçelgesiniň ähmiýetine üns çekildi. 2017-nji ýylda Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe halkara ulag geçelgesini döretmek boýunça Aşgabatda bäştaraplaýyn Ylalaşyga gol çekildi.

Duşuşykda medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçinem giň mümkinçilikleriň bardygy aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda bilim alýan owganystanly talyplaryň sanyny artdyrmak, dürli ugurlar, esasan-da, TOPH taslamasynda, gaz ulgamynda öz işine ussat hünärmenleri taýýarlamak boýunça degişli işleri geçirmek meselelerine seredildi.

Gahryman Arkadagymyz bilelikdäki taslamalar barada aýdyp, olary ilerletmek üçin hyzmatdaşlygyň hukuk binýadyny pugtalandyrmagyň möhümdigine ünsi çekdi we Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-owgan toparyny döretmegi teklip etdi. Halk Maslahatynyň Başlygy Türkmenistanyň owgan tarapynyň beýan eden tekliplerine seretmäge taýýardygyny aýdyp, ýurdumyzyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda çykyş edýändigini tassyklady.

Gepleşikler tamamlanandan soňra, mukaddes Gurhandan aýatlar okaldy. Soňra Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisi boýunça ýerine ýetirilen işler barada taýýarlanan wideoşekiller görkezildi.

Häzirki wagtda bu ägirt uly taslamanyň möhüm tapgyrynyň gurluşygyny üstünlikli tamamlamak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen satyn alnan ýöriteleşdirilen tehnikalaryň 300-e golaýy işledilýär. Bu ýerde gurluşykçynyň netijeli işlemegi üçin ähli şertler döredilýär. Munuň özi gurluşygyň bellenilen möhletde, ýokary hilli ýerine ýetirilmeginde uly ähmiýete eýedir.

Soňra «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Owganystanyň «Afghan Gas» döwlet korporasiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekmek dabarasy boldy. Bu resminama iki ýurduň gaz pudagyndaky gatnaşyklarynda täze sahypany açýar. Ähtnama esasynda taraplar Hyrat welaýatynda gaz infrastrukturasyny döretmek, senagat kärhanalary, elektrik stansiýalary we ilaty türkmen gazy bilen üpjün etmek boýunça bilelikde iş alyp barmak barada ylalaşdylar.

Abdul Gani Baradar belent mertebeli türkmen myhmanyny mähirli mübärekläp, iki ýurduň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň owgan we türkmen halklarynyň taryhy kökleriniň ýakynlygyna, medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygyna esaslanýandygyny aýtdy. Şeýle hem ol Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň sebitde durnukly ösüşi üpjün etmäge goşant goşýandygyny aýdyp, Türkmenistanyň owgan halkyna berýän yzygiderli ynsanperwerlik kömegi üçin hoşallyk bildirdi hem-de pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Milli Liderimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, döwlet Baştutanymyzyň iberen salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi hem-de türkmen we owgan halklarynyň doganlyk halklardygyny, Türkmenistanyň Owganystan bilen serhediniň bolsa dostluk serhedidigini nygtady.

## Täze Zelandiýada iňlis dili resmi dil boldy

Täze Zelandiýanyň parlamenti iňlis dilini resmi dil diýip ykrar edýän kanun taslamasyny kabul etdi. Şeýlelikde, iňlisçe maori dili hem-de Täze Zelandiýa yşarat dili bilen bir hatarda resmi dilleriň hataryna girizildi. Bu ýurduň ilatynyň 95 göterimi iňlis dilli bolsa-da, häzire çenli bu dil resmi dil hökmünde kabul edilmeýärdi. Şeýle-de bolsa, ähli resmi işlerde – ýuridik, syýasy we döwleti dolandyrmaga degişli resminamalarda iňlis dili ulanylýar. Ýurduň ilaty 5,3 million töweregi bolup, onuň 4,3 göterimi maori, 0,5 göterimi yşarat dilini ulanýar.



Ýurtda 1970-nji ýyllaryň başynda iki dilde – maori hem-de iňlis dilinde bilim berýän mekdepler peýda bolýar. Maori dili 1980-nji ýyllarda resmi dil hökmünde kanun taýdan ykrar edilýär.

**Allaýar ESENOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

## Bazar nyrhy 3 trillion dollardan geçdi

Bölek söwda bilen meşgullanýan «Amazon» kompaniýasynyň bazar nyrhynyň 3 trillion dollardan geçendigi mälim edildi. Hepdäniň başynda kompaniýanyň biržadaky paýnamasynyň bahasy 5,3% artdy. Şeýlelikde, kompaniýanyň paýnamalarynyň bahasy gündelik rekord derejede gymmatlap, umumy bahasyny 400 milliard dollar artdyrdy. Şeýlelikde, «Amazon» «Nvidia», «Alphabet», «Microsoft» we «Apple» brendlerinden soňra şeýle sepgide ýeten kompaniýalaryň hataryna goşuldy.




«Amazon»-yň bazar nyrhy 2024-nji ýylyň 26-njy iýunynda 2 trillion dollarlyk sepgide ýetipdi.

Bilermenler kompaniýanyň paýnamalarynyň ýylyň dowamynda 14% ösjekdigini belleýärler.

**Sonajemal ANNAÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Astronomik hadysa bolup geçdi

12-nji awgustda Ýewropanyň köp ýerinde Gün tutulma hadysasy boldy. Ispaniýanyň demirgazygynda Gün doly tutulan bolsa, Angliýanyň köp ýerinde Günüň ýüzüniň 90 göterimi örtüldi. Aýyň Ýer bilen Günüň aralygyna girmegi bilen bolup geçýän şeýle astronomik hadysa örän seýrek gaýtalanýar. Bu hadysa syn etmek üçin ýörite äýnekler hem-de teleskoplar ulanylýar.



Astronomik hadysanyň nirede we haçan boljakdygy onlarça ýyl öňünden belli bolýar. Şol sebäpli adamlar bu hadysa tomaşa etmek üçin öňünden taýýnlyk gördüler. Beýik depeler, deňiz kenarlary, golaýynda beýik jaýlar bolmadyk açyk meýdanlar bu hadysa tomaşa etmek üçin iň amatly ýerler hasaplanýar.

Ispaniýada Gün tutulmasy ýerli wagt bilen 19:30-da başlady. Ýurduň käbir ýerlerinde doly Gün tutulmasy 2 minut dowam etdi.

Paýtagt Madridde Günüň ýüzüniň 99 göterimi ýapyldy. Mundan ozal, 1912-nji ýylda ýurduň Iberiýa ýarymadasynda doly Gün tutulypdyr.

Fransiýanyň paýtagty Parižde 92 göterim Gün tutulma hasaba alyndy. Sebitde Ispaniýadan başga Islandiýada we Grenlandiýada hem doly Gün tutulmasy bolup geçdi. Köp jahankeşde astronomik hadysa tomaşa etmek üçin bu ýurtlara bardy. Indiki doly Gün tutulmasynyň 2027-nji ýylda Atlantik ummanynda bolmagyna garaşylýar. Şonda Fransiýa bilen Ispaniýada bölekleýin Gün tutulmasy bolup geçer. Fransiýanyň çäginde Günüň doly tutulmasyna 2081-nji ýylyň 3-nji sentýabryna çenli garaşmaly bolar.

## Ulag satuwynda birinji

Germaniýanyň «Center of Automotive Management» (CAM) atly ylmy-barlag instituty dünýäde iň köp satylýan awtoulag brendleri barada maglumat taýýarlady. Şu ýylyň birinji ýarymynda sanawa jemi 20 kompaniýa girizilipdir. Bu kompaniýalaryň satuwy degişli döwürde 2,8% peselip, jemi 37,3 million täze awtoulag ýerlenipdir. Sanawda birinji orny Ýaponiýanyň «Toyota» kompaniýasy eýeleýär. Bu kompaniýa köp ýyldan bäri iň köp awtoulag öndürýän brend bolmagynda galýar. Alty aýyň dowamynda ýapon brendi 5,3 million ulag satypdyr. Ikinji orny «Volkswagen» eýeläp, nemes brendi 3,97 million ulagy täze eýesine ýetiripdir. Bu brend hem birnäçe ýyldan bäri iň köp ulag öndürýän ikinji kompaniýa bolmagynda galýar. Koreýa Respublikasynyň «Hyundai-Kia» kompaniýasynyň satuwy 3,6 milliona deň bolupdyr. Ýewropada birnäçe brendi özünde jemleýän «Stellantis» kompaniýasynyň satuwy 2,95 milliona ýetipdir. Amerikan brendleri bolan «General Motors» degişli döwürde 2,14 million, «Ford» 1,76 million ulag satypdyr. «Honda» 1,76 million, «Nissan» (1,51 million), «Suzuki» (1,49 million) we «Renault» (1,28 million) kompaniýalary awtoulag önümçiliginde ilkinji onluga giripdirler.



Germaniýanyň BMW kompaniýasy 1,07 million, «Mercedes Benz» 900 müň ulag satypdyr. Elektroulag önümçiligi bilen meşgullanýan «Tesla» 890 müň ulag satypdyr.

**Guwanç BERDIGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Iki ýurduň arasynda asma ýol gurlar

Hytaý bilen Russiýanyň arasynda asma ýoluň gurluşygy dowam edýär. Amur derýasynyň üstünden geçjek desganyň gurluşygynyň esasy böleginiň tamamlanandygy mälim edildi. Asma ýol diňe derýanyň aňrysyndaky beýleki ýurda geçmek üçin däl, eýsem, syýahatçylyk maksady bilen hem ulanylar. Uzak Gündogar sebitindäki Amur derýasynyň köp bölegi iki ýurduň tebigy serhedini emele getirýär. Derýanyň Hytaý tarapynda Heýhe, Russiýa tarapyndan Blagoweşensk şäheri bar.



2019-njy ýylda gurluşygyna başlanan täze desganyň şu ýylyň ahyrynda ulanmaga beriljekdigi habar berildi. Uzynlygy 970 metr töweregi boljak asma ýoldan geçmek üçin 6-8 minut ýeterlik bolar. Sekuntda 12 metr tizlik bilen hereket etjek ulgam her ýylda 2,6 million ýolagçy gatnatmaga mümkinçilik berer. Asma ýolda her biri 110 orunlyk iki sany kabina hereket eder.

**Saparsoltan MELÄÝEWA,**
*Ak bugdaý etrap medeniýet bölüminiň Bokurdak şäherçe medeniýet öýüniň müdiri.*

## «Apple» öňdeligi eýeleýär

Ýokary derejeli telefon bazarynda «Apple» kompanýasynyň öňdeligi eýeleýändigi bellenildi. Umumy telefon satuwynda belli döwürlerde «Samsung»-dan yzda galýan hem bolsa, girdeji we ýokary derejeli telefon satuwynda amerikan kompaniýasy öňdeligi eýeleýär.

«Counterpoint Research» kompaniýasynyň maglumatyna görä, şu ýylyň 1-nji ýarymynda ýokary derejeli telefonlaryň satuwy 5 göterim ýokarlanyp, umumy telefon satuwynyň 29 göterimini emele getiripdir. Bu telefonlara bahasy 600 amerikan dollary we ondan gymmat smartfonlar girizilipdir. Şeýle telefonlaryň 65 göterimi «Apple» kompaniýasyna degişli bolupdyr. Esasan, adaty «iPhone 17» smartfonlaryna islegiň ýokarlanýandygy mälim edildi. Agzalan döwürde «Samsung»-yň paýy 3 göterim ýokarlanyp, 19 göterime golaý bolupdyr. «BBK Electronics» atly hytaý kompaniýasyna degişli bolan «Oppo» hem-de



«OnePlus» telefonlarynyň hem gymmat bahaly görnüşleriniň satuwynyň barha artýandygy mälim edildi. «Huawei», «Xiaomi» we «vivo» brendleri hem ýokary derejeli telefon öndürýän kompaniýalar hasaplanýar.

## Iň köp uçarly awiakompaniýalar

Adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokarlanmagy bilen uçara münýänleriň sany artdy. Dünýäde her gün millionlarça adam bir ýerden başga ýere gitmek üçin howa gämisine münýär.

Ýakynda dünýäde has köp uçara eýeçilik edýän kompaniýalaryň sanawy taýýarlandy. Öňdäki orunlary «United Airlines», «American Airlines» we «Delta Airlines» ýaly amerikan kompaniýalary eýeleýär. Bu awiakompaniýalaryň degişlilikde, 1058, 1013 hem-de 989 uçary bar. «Southwest Airlines» atly amerikan kompaniýasynyň 810 uçary bar. Hytaýyň «China Southern Airlines» (708 uçar) hem-de «China Eastern Airlines» (679 uçar) kompaniýalary 5-nji we 6-njy orunlary eýeläpdir. «SkyWest Airlines» (600 uçar), «Air China» (531 uçar), «Turkish Airlines» (531 uçar) we «Ryanair» (350 uçar) ilkinji onluga giripdir.

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 14-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119267
Belgisi: 33/1703
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# SAZLAŞYKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE ANYK ÇELGI

Türkmen halkynyň milli buýsanjy hasaplanýan behişdi bedewlerimiziň toýly günlerimiziň buşlukçysy bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly hem hoş habarlaryň buşlukçysy bolup, taryha altyn harplar bilen ýazylýar. Her bir hoş habar şanly ýylyň taryhy wakalarynyň üstüni ýetirýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherindäki ştab-kwartirasyndan gelip gowşan hoş habar halkymyzda çuňňur şatlyk hem-de buýsanç duýgularyny döretdi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň



106-njy plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda hödürlenen «2028-nji ýyl – Halkara hukuk ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň parahatçylyga, adalatlylyga, birek-birege ynanyşmak ýörelgelerine daýanýan hoşniýetli diplomatiýasynyň nobatdaky üstünligidir.

Hormatly Prezidentimiziň: «Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň strategik hyzmatdaşlygy uzak möhletli häsiýete eýedir. Ol ýurdumyzyň oýlanyşykly saýlap alan ýoludyr» diýip belläp geçişi ýaly, döwletimiz abraýly halkara gurama bilen ynama, hyzmatdaşlyga hem-de dünýäde parahatçylygy, asudalygy, dostlugy pugtalandyrmaga esaslanýan gatnaşyklary alyp barýar. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen ençeme Kararnamalar munuň subutnamalarydyr. Bu halkara gurama bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde ata Watanymyzyň howpsuzlygy üpjün etmek babatdaky tagallalary, ynsanperwerlige ýugrulan, halklary dostlaşdyrýan, ýurtlary parahatçylyga çagyrýan işleri hem dünýäde giň goldawa eýe bolýar. Munuň aňyrsynda halkymyzyň asylly ýörelgeleriniň ýatandygyny bellemek gerek.

Aslynda, milletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmakda, halklaryň abadançylygy hem ösüşinde, halkara hukuk işiniň dabaralanmagynda «2028-nji ýyl – Halkara hukuk ýyly» atly Kararnama möhüm orun degişlidir. Şeýle-de bu resminama halkara hukuga hormat goýmaga we oňa düşünmäge ýardam bermek maksadyny hem öz içine alýar. Kararnama parahatçylyk söýüji halklaryň bähbidine hyzmat etmek bilen, dünýäde durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde, halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmäge ýardam bermekde möhüm ähmiýete eýedir.

Ata Watanymyzyň 2028-nji ýyly «Halkara hukuk ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy bilen berkidilmegi parahatçylygy ýörelge edinýän, dostlugy dabaralandyrýan, hyzmatdaşlygy rowaçlandyrýan eziz Diýarymyzyň dünýäde at-abraýynyň, şan-şöhratynyň belende galýandygyny ýene bir gezek aýdyň görkezdi. Ol türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň halklaryň bähbidine gönükdirilen asylly hem beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan ynsanperwer daşary syýasatynyň dünýäde dabaralanýandygyny hem subut edýär.

Goý, dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen Bitarap döwlet bolan ata Watanymyzyň abraý-mertebesi has-da artsyn, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, tutuş adamzadyň bagtyýar, asuda durmuşyny üpjün etmek, ýurtlaryň durnukly ösüşini gazanmak ugrunda durmuşa geçirilýän tutumly işler rowaçlyklara beslensin! Bagtyýar türkmen halkyny ösüşleriň röwşen ýoly bilen ynamly öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Döwran GULLYÝEW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň administratiw hukuk ugrunyň magistri, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.*

# YLYM-BILIM ULGAMY – ÖSÜŞLERIŇ AÝDYŇ BEÝANY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmen halkynyň parasatly sözlere, paýhasly pikirlere aýratyn hormat goýýan halkdygyna Nurmyrat Saryhanowyň «Kitap» hekaýasyny okanyňda hem göz ýetirmek bolýar. Mundan başga-da, X asyrda ýaşap geçen beýik türkmen alymy Mahmyt Zamahşary ylym we kitap barada: «Kitap bossanlykdyr, hat onuň nerkes gülleridir», şeýle hem «Kim bir kitap ýazsa ýa-da bir şygyr düzse, özüniň akylyny ynsanlara beýan edýändir» diýmek bilen, adamzat taryhynda kitabyň ornunyň ýokarydygyny beýan edýär.

Magtymguly Pyragynyň «Kitap okan gullar magnydan dokdur» diýen setirlerine ser salanymyzda-da, ylymly-bilimli bolmaga kitap bilen ýetilýändigi ýatlanýar. Baryp gadym döwürlerde bir akyldardan: «Eger biziň ömrümiziň sanlyja pursady galan bolsa, ony nämä sarp etsek gowy bolar?» diýip soralanda, ol «Bilim öwreneliň!» diýip, jogap beripdir. Diýmek, bilim-ylym adamyň diňe bir aň-düşünjesini ösdürmek bilen çäklenmän, onuň ömrüne many berýär, mertebesini galdyrýar, durmuşda öz ornuny tapmagyny üpjün edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynda ylym-bilim barada şeýle sözler getirilýär: «Ýaşaýşyň şeýle kämil nusgasyny döreden halkymyz: «Okan il ozar, okamadyk il tozar» diýipdir. Ýene-de: «Ylym-akylyň ýarysy» diýipdir». Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» atly poemasynyň üçünji babyny tutuşlygyna ylma hem-de alymlara bagyşlamagy-da, adamynyň ýaşlygyndaky edep-terbiýesi bilen bagly borçlar hakynda söz açylmagy-da muňa anyk delildir.

Bilim, ylym, akyl, terbiýe adamzadyň ömür çelgisidir. Ylymly, bilimli, dana adama aryp diýilýär. Ony dürli delilleriň üsti bilen görkezip bolar. Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginiň 1-nji tomunyň 77-nji sahypasynda «aryp» sözi bilimli, paýhasly, parasatly diýen manysy aňladýar. Mysal üçin, «Aryp bolsaň, habar algyn sözünden, Bir köýnegi bardyr egri dyzyndan» («Görogly»), şeýle-de «Örän sypaýyçylyklyk bilen hereket edýän. Ol gaty aryp adam» diýen ýaly sözlerde «aryp» sözi getirilýär. «Arybyňky-gülüstan, göribiňki-çölüstan» ýaly nakyllarda hem «aryp» sözi ulanylýar.

Ylym we bilim ösüşleriň ganatydyr. Alym Arkadagymyz «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynda getirilýän rowaýatda ylym barada bir dananyň: «Ylym tükeniksiz ýoldur, ol köňül gapylaryny açýar. Her bir ýürekde gämik bardyr, ony şineletmek üçin ýagtylyk gerek. Şol ýagtylyk zehindedir. Zehin her adamyň özünde bardyr. Alan bilimi bilen kanagat edip, özüniň ukybyny we başarjaňlygyny ösdürýän adam dürli hünärlere gol berer. Hünäri kämilleşdirmekde ukyp hem-de endik esasy orny eýeleýär. Ylymda bolsa, pikir birinjidir. Ylmyň miwesi dünýägaraýşyň çuňlugynda, köp bilmekde we ýaşaýşyň akymyna sazlaşykly goşulmakdadyr. Çünki ylymly adam tebigatdan güýç alýar, many tirýär, ylymly adam adamlaryň ýaşaýşyndan many aňýar we onuň netijesini özleşdirýär. Ylym bilen paýhasyň kökleri birdir, ýöne tebigaty aýrydyr. Çünki paýhas adamyň zandynda bardyr. Ylym onuň yhlasy bilen zehininde ýaşaýar. Ylym netijelikdir, bilim tejribedir. Bilim ylma barýan ýagtylyk bolup, onda hem paýhas, hem-de hadysalaryň göz ýetirilen hakykaty bardyr. Ylym onuň yhlasy bilen zehininde ýaşaýar» diýen sözlerini mysal getirmek bilen, ylym bilen ýetilýän ýoluň tükeniksizdigini nygtaýar.

Alym Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynyň «Ylym-bilim, medeniýet bossanynyň açylyşy we dünýä ýaýylyşy» atly bölüminde türkmen topragyndaky Merw, Sarahs, Abiwerd, Nusaý, Dehistan, Amul, Gürgenç ýaly gadymyýetiň şöhratly şäherleriniň ylmynyň belent derejelere göterilendigi, atlary taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylan alymlaryň ençemesiniň ylmyň dürli ugurlary boýunça döreden eserleri barada giňişleýin beýan edilýär.



Bu gün dünýä derejesinde islendik döwletiň geljegi onuň halkynyň ahlak we aň mümkinçiliklerini emele getirýän bilim ulgamy bilen kesgitlenýär. Häzirki wagtda dünýäde bilimiň durmuş we ykdysady wezipeleri düýpli özgerdi. Bu jemgyýetçilik ösüşiniň we maddy medeniýetiň derejesiniň, aýratyn hem dünýä tehnologiýalarynyň we hyzmat ediş önümçiliginiň ösmeginiň netijesinde bolup geçýär. Milli ösüşe zerur bolan mümkinçilikler halkyň bilim derejesini ýokarlandyrmagyň netijesinde döredilýär. Ylmyň we bilimiň döwletiň hem jemgyýetiň çalt depginler bilen ösmeginiň, şeýle hem jemgyýeti emele getirýän adamlaryň ruhy-ahlak taýdan kämil, kalby kanagatly, köňli baý şahsyýetleriň emele gelmeginiň iň möhüm şerti bolanlygy sebäpli, olaryň esasy wezipelerinde döwletde giň dünýägaraýyşly adamlary döretmekden ybaratdyr. Elbetde, jemgyýeti emele getirýän adamlaryň aň-düşünjesi näçe giň, ahlak edim-gylymlary näçe arassa, ynam-ygtykatlary näçe päk we sagdyn boldugyça olaryň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklarynda hem şonça-da birek-birege sylag-hormat goýmak, agzybirlik, adalatlylyk, dogruçyllyk, lebze wepalylyk ýörelgeleri agdyklyk etjekdigi ikuçsuzdyr.

Mälim bolşy ýaly, adamyň ýaşaýan jemgyýetinde döwlet tarapyndan onuň ylma-bilime bolan teşneligini gandyrmak we çäksiz höwesini kanagatlandyrmak üçin näçe amatly şertler döredildigiçe şahsyýetiň kämilleşmeginiň tizleşmegine hem-de kämillik derejesiniň artmagyna getirýär. Hut şonuň üçin hem Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarlarynyň astynda adam hakynda alada görlüp-eşidilmedik belentlige göterilen demokratik, hukuk we dünýewi döwletde adamyň aýrybaşgalaşdyryp bolmaýan mizemez hukugynyň esasylarynyň biri bolan bilim almaga, şeýle hem ylmy we döredijilik işleri bilen meşgullanmaga bolan konstitusion hukuklaryny berkarar etmek we şol hukuklarynyň kanuny kepilliklerini doly derejede durmuşa geçirmek üçin ähli zerur şertler döredilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda döwletiň ylmy, tehniki we çeper döredijiligi, onuň oňyn netijeleriniň ýaýradylmagyny höweslendirýändigi, döwletiň ylmyň, medeniýetiň, sungatyň, halk döredijiliginiň, sportuň we syýahatçylygyň ösmegine we bu babatda halkara hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýardam edýändigi, şonuň ýaly-da ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşine, şeýle hem bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyny goldaýandygy baradaky hukuk kadalary berkidilen. Şonuň ýaly-da, Esasy Kanunyň 55-nji maddasynda her bir adamyň bilim almaga hukugynyň bardygy, umumy orta bilimiň hökmanydygy, her bir adamyň ony döwlet bilim edaralarynda tölegsiz almaga haklydygy baradaky hukuk kadasy kepillendirilendir. Bilim almak hukugy Türkmenistanyň raýatlarynyň esasy we aýrylmaz konstitusion hukuklarynyň biri bolup, Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky Halkara Paktynyň 13-nji maddasynda, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 26-njy maddasynda we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilmegi halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleriniň Türkmenistanyň Konstitusiýasyndaky şöhlelenmesi bolup durýar. Şeýle hem «Bilim hakynda», «Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryny, «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny», «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026-2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny», «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny» ýurdumyzyň ylym-bilim pudaklarynda amala aşyrylýan özgertmeleriň hukuk kepillikleri hökmünde görkezmek bolar.

Bilim almak, hünär öwrenmek, durmuşa taýýar bolmak her bir ynsan üçin uly bagtdyr. Aslynda, bilim merdana halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda döreden hem-de nesilden-nesle geçirip gelen iň gymmatly baýlygydyr. Häzirki wagtda ösüp gelýän ýaş nesliň bagtyýar ýaşamagy we sazlaşykly ösmegi üçin ähli şertler döredilýär. Şonuň ýaly-da, ýaşlaryň ösen döwrüň talaplaryna laýyk derejede bilimli, terbiýeli, sagdyn bolmagy, hünär almagy we ylmy döredijilige ugrukmagy, ata Watana, halka, ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgelerine wepaly adamlar bolup ýetişmegi üçin netijeli işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan kabul edilen döwlet we milli maksatnamalarda kesgitlenen wezipelere laýyklykda, bilim edaralaryny okuw kitaplary hem-de okuw-usuly gollanmalar bilen üpjün etmek, olara dünýä ölçeglerine laýyk gelýän täze tehnologiýalarydyr okuw-tehniki enjamlary ornaşdyrmak işleri yzygiderli alnyp barylýar. Ylmyň iň soňky gazananlary hem-de okatmagyň innowasion usulyýeti bilim ulgamyna giňden ornaşdyrylýar.

Häzirki wagtda bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy hem işjeň ösdürilýär. Türkmenistan BMG-niň doly hukukly agzasy bolmak bilen, ÝUNESKO-nyň «Bilim hemmeler üçin!» atly Jarnamasyna goşuldy hem-de öz borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýär.

Bedew bady bilen öňe barýan Diýarymyzda bilim-ylym durmuşa ýagty saçýar. Bilim almak, hünär öwrenmek, durmuşa taýýar bolmak – her bir ynsan üçin bagt. Ata Watanymyzyň bagtly ýaşlary üçin okamaga, bilimli, hünärli bolmaga alym Arkadagymyzyň başlangyjy, hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde giň ýol açylýar. Bilim-ylym ulgamlaryny kämilleşdirmek ýolundaky başlangyçlar bolsa, halkymyzyň şu gününe we geljegine bolan ynamyny berkidýär. Şonuň üçin biziň her birimiz ata Watanymyzyň gülläp ösmegi üçin zähmet çekmegi, okamagy, gurmagy, döretmegi başarmalydyrys. Bu bolsa, abadançylygyň, nesillerimiziň bagtyýar ýaşaýşynyň badalgasydyr.

**Aýgözel NURLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň uly ylmy işgäri.*

## EDEBIÝAT

*Wiktor Gýugo: «Durmuşdaky iň uly bagt seniň kim bolandygyň üçin däl-de, hut özüň bolandygyň üçin söýülýändigiňe ynanmakdyr».*

# WIKTOR MARI GÝUGO

...1881-nji ýylyň 26-njy fewralynda Wiktor Gýugonyň doglan gününiň ýetmiş dokuzynjy ýylyny Pariž bilen birlikde, tutuş Fransiýa baýram etdi. Paýtagtyň Eýlau awenýusynda dabara arkasyny dikdiler. Onuň asty bilen Wiktor Gýugonyň öýüniň gapdaljygyndan parižlileriň we myhmanlaryň altmyş müňüsi dabaraly geçip gitdi. Beýik ýazyjy öz agtyklary bilen penjiräniň öňünde durşuna muşdaklaryna baş egip minnetdarlyk bildirýärdi. Aradan ýarym ýyl geçensoň, bu awenýunyň Eýlau adyny Wiktor Gýugonyň awenýusy diýip üýtgetdiler. Öz köçesinde goja ýazyjy ýene dört ýyl ýaşady.

1885-nji ýylyň 1-nji iýunynda san-sajaksyz märeke onuň tabydyny Ýyldyz meýdanyndan Panteona deňiç göterip äkitdi. Ak bägüllerden ýasalan gülhalkalar bilen bezelen, başga hiç hili kaşaňlyk bolmadyk gara tabytly arabanyň ýanynda on iki sany ýaş şahyr durdy. Öz wesýetnamasynda Wiktor Gýugo şeýle ýazypdy: «Elli müň franky garyplara miras goýýaryn. Tabydymy gonamçylyga garyplar üçin niýetlenen arabada äkitmeklerini isleýärin. Ybadathanalarda ruhum üçin doga okamaly diýen däplerden ýüz öwürýärin. Ýöne ähli adamlaryň maňa ýürekden doga-dileg etmegini haýyş edýärin. Taňra ynanýaryn. Wiktor Gýugo».

Ol fransuz rewolýusion ýylnamasy boýunça Respublikanyň X ýylynyň wantoz aýynyň 7-sine Bezanson şäherinde dünýä inýär. Eneatasy: Napoleonyň serkerdesi Žozef Leopold Sigisber Gýugo we ejesi hanym Gýugo (gyz ady Sofi Fransuaz Trebýuşe de la Renodýe). Tizara är-aýal aýrylyşýar. Wiktor iki uly agasy bilen kä kakasynyň, käte ejesiniň ýanynda ýaşaýardy. Olar bir şäherden beýlekä, Fransiýadan Italiýa we Ispaniýa göçüp-gonýardylar. Bäş ýaşynda kakasynyň harby polkuna ýazylan Wiktor özüni hakyky esger hasap edýärdi. Hakykatdanam, çagalykda-da, Madride barýan ýolda, Napoleonyň Ispaniýa çozup girmegine berk garşylyk görkezen ispanlar bilen söweşlerde ol urşuň we ölümiň nämedigini gözi bilen gördi. Ýetginjekkä Wiktor Gýugo goşgulary hem latyn şahyrlaryndan eden terjimeleri bilen on sany depderi doldurypdy, emma olary ýakdy, soň ýene depder tutundy-da oňa: «Men on bäş ýaşymda, erbet ýazýaryn, has oňat ýazyp bilerdim» diýip bellik etdi. Şol wagtlar ol Parižde, Keramatly Margarita köçesindäki pansionda okaýardy hem edebi şöhrat barada arzuw edýärdi. Şahyr Şatobrianyň eserlerinden ylhamlanyp döreden poemalarynyň birini-de «Öz bäbegini üwrär ýaly palma agajynyň şahasyndan sallançak asýan kanadaly hindi zenany» diýip atlandyrypdy. Fransuz akademiýasy tarapyndan yglan edilen bäsleşikde ýaş Gýugo üç ýüz otuz dört setirden ybarat bu poemasy üçin hormat hatyna mynasyp boldy. Gül oýunlarynyň Tuluz akademiýasy «Genrih IV heýkeliniň dikeldilmegi» atly odasy üçin ony Altyn liliýa bilen sylaglady. Tizara doganlar Gýugolar «Edebiýat konserwatory» atly edebi žurnaly neşir etmäge synanyşdylar. Bir ýarym ýylyň dowamynda Wiktor bu žurnalda on bir tahallus bilen 112 sany makala we 22 sany goşgy çap etdirdi. Doganlaryň ulusy Abel öz hasabyna Wiktoryň ilkinji kitabyny neşir etdirdi, ol «Odalar we başga goşgular» diýlip atlandyrylýardy. Ýigrimi ýaşly şahyr poeziýa üçin «aýdyň akylyň, päk ýüregiň, rehimdar we belent kalbyň gerekdigine» pugta ynanýardy.

Ömrüniň otuzynjy ýylynda Gýugo eýýäm «Gündogar äheňleri» we «Güýz ýapraklary» atly goşgular ýygyndylarynyň, «Islandiýaly Gan» romanynyň (W.Skottuň usulynda we iňlis gotiki romanynyň täsirinde), «Ölüme höküm edileniň iň ahyrky güni» powestiniň, «Kromwel», «Marion Delorm» we «Ernani» atly dramalaryň awtorydy. «Kromwel» atly dramasyna ýazan sözbaşysy edebiýatçylar tarapyndan «romantizmiň manifesti» hökmünde biragyzdan ykrar edilen Wiktor Gýugo onda romantizmiň özenini «hiç haçan rahatlyk bilmeýän, kä şatlanýan, kä nalaýan kalbyň geň howsalasy» hökmünde häsiýetlendiripdi.

1831-nji ýylyň başlarynda ol «Pariž Bibimerýeminiň Sobory» atly romanyny tamamlady. Gýugo bu kitabyny ilkinji nobatda «hyýaly göz öňüne getirmäniň, hokgabazlygyň we fantaziýanyň önümi» diýip häsiýetlendirdi. Ýöne ol XV asyryň Pariži hakyndaky maglumatlary üç ýyllap toplapdy. Romanyň golýazmasyny neşirýata iň ahyrky möhletde gowşurdy. Ol wagt Gýugonyň eýýäm öýi, maşgalasy bardy we edebi zähmetiniň arkasyndan her ýyl iň azyndan on bäş müň frank gazanmagyň arzuwyny edýärdi. Tiz wagtdan ol mundan has köp gazanyp başlady, ýöne her agşam ýadaman-ýaltanman, öz çykdajylaryny santime (frankyň ýüzden bir bölegi) çenli hasaplaýardy.

1830-njy ýylyň iýulyndaky we 1848-nji ýylyň fewralyndaky rewolýusiýalaryň aralygynda Gýugo birnäçe täze poetiki eserler toplumyny: goşgy bilen ýazylan «Korolyň güýmenjesi» dramasyny, prozadaky üç dramasyny, Germaniýa baradaky oçerkler kitabyny («Reýn») tamamlapdy we soň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren «Ýekirilenler» diýlip ady üýtgedilen «Garyplyk» romanyny ýazmaga girişdi.

1841-nji ýylyň ýanwar aýynyň 7-sine Wiktor Gýugo «Ölmez-ýitmezleriň» Akademiýasyna kabul edildi. Aradan ýedi ýyl geçensoň, ol Parižiň VIII okrugynyň häkimligine saýlandy. Şondan soň Gýugo ýurtda ýüze çykan syýasy ýagdaýlar sebäpli Parižden Brýussele gitmäge mejbur bolýar. Ine, şondan soň beýik ýazyjynyň uzak ýyllara çeken agyr sürgünlik durmuşy başlanýar.

«Eger jahanda sürgüniň ajaýyp ýerleri bar bolsa, Jersini hem olaryň hataryna goşmak gerek... Men bu ýerde deňziň kenaryndaky ak külbede mesgen tutundym. Öz penjirämden Fransiýany görýärin» diýip, Gýugo Normand adalarynyň Jersi diýilýän ýerindäki Marin-Terras willasyndaka ýazypdy. Bu ýazgysyndaky «ak külbe» diýip atlandyrýan willasynda ol üç ýyllap ýaşady. Beýleki fransuz emigrantlary bilen birlikde Jersiden çykarylan Wiktor Gýugo goňşy Gerns adasynda ýerleşip, «Syn etme» atly goşgular ýygyndysynyň galamhakyna Otwil-Haus atly öýi satyn aldy.

Gýugo berk gün tertibini berjaý edýärdi: säher bilen turýardy, sowuk suwa ýuwunýardy, gara kofe içýärdi we Günüň irki şöhlelerinde golýazmalarynyň üstünde işleýärdi, gün orta boluberende ertirlik edinerdi, soň adada gezim ederdi, ýene iňrik garalýança işlärdi, maşgalasy hem myhmanlary bilen naharlanardy, sagat 10 bolanda uklamak üçin hökman düşege geçerdi. Her duşenbede günortan naharyna ýerli garyp çagalaryň 40-syny çagyrardy.



Otwil-Hauzdaky öýünde ol «Ýekirilenler» romanyny ýazyp tamamlady, «Asyrlaryň rowaýaty» atly göwrümli epopeýasy üçin birgiden goşgulary we poemalary ýazdy. Şeýle hem «Deňziň zähmetkeşleri» atly (Gernsiniň balykçylary hakynda) we «Gülýän adam» atly romanlaryny döretdi.

1870-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda Fransiýa Respublika hökmünde jar edilen dessine Gýugo Parige dolanyp bardy. Demirgazyk wokzalda ony mähelle «Marselýezany» aýtmak hem-de «Ýaşasyn Fransiýa! Ýaşasyn Gýugo!» diýen buýsançly hem şatlykly sesler bilen garşylady. Gýugo Milli mejlisiň deputatlygyna saýlandy.

«Togsan üçünji ýyl» atly soňky romanyny Gernsdäki öýünde tamamlan Gýugo onuň galamhakyna Parižden özi, agtyklary, gelinleri üçin uly öý satyn aldy. Şol wagta çenli onuň aýaly-da, ogullary-da, uly gyzy-da aradan çykypdy. Körpe gyzy bolsa akyl taýdan näsaglar üçin hassahana ýerleşdirilipdi. Gýugo agtyklary Žoržy hem Žannany diýseň eý görerdi hem-de olara «Ata bolmak sungaty» diýen goşgular toplumyny bagyşlady.

Ýakynlarynyň güwä geçmegine görä, Wiktor Gýugo ölüm ýassygynda ýatyrka şeýle diýipdir: «Günüň ýagtylygy bilen gijäniň tümlüginiň arasynda söweş gidýär». Onuň iň ahyrky sözleri: «Şunlukda, men gara ýagtylygy görýärin» bolupdyr.

**Taýýarlan Hemra HUDAÝGULYÝEW.**

## Paýhaslar

☑ Dünýäni gözelleşdirjek bolsaň, ilki öz öýüňden başla.

**Konfusiý.**

☑ Eger sen bir işi başararyn öýtseň hem dogry, başarmaryn öýtseň hem. Iki ýagdaýda-da seniň diýeniň bolar.

☑ Şowsuzlyga uçramadyk adam – ömründe täze zada synanyşyp görmedik adamdyr.

**Albert Eýnşteýn.**

☑ Diňe ýürek bilen seredeniňde, hemme zat aýdyň görünýär. Esasy zatlary göz bilen görüp bolmaz.

**Antuan de Sent-Ekzýuperi.**

☑ Gözleglerimiň we öwrenen zatlarymyň netijesinde bilýän ýeke-täk zadym – özüm barada diňe bir zat bilýändigimdir, ol hem hiç bir zat bilmeýändigimdir.

☑ Bilim gorkynyň we nadanlygyň ýeke-täk emidir. Diňe bilýän adam hakyky erkin ýaşaýan kişidir.

**Sokrat.**

☑ Iň uly baýlyk az zada kanagat edip bilmekdir.

**Diogen.**

☑ Tiz gitjek bolsaň – ýeke git, uzak gitjek bolsaň – ýoldaşly git.

**Afrikan nakyly.**

☑ Garaňkylygy garaňkylyk kowup bilmez, diňe ýagtylyk kowup biler; ýigrenji ýigrenç ýeňip bilmez, diňe söýgi ýeňip biler.

**Martin Lýuter King.**

☑ Islendik adam dostunyň başyna gelen kynçylyga gynanyp biler, emma dostunyň üstünligine guwanmak üçin päk ýürek gerekdir.

**Oskar Waýld.**

☑ Özüň bolmak özboluşlylygyňy ýitirmezlik üçin dünýäniň seni başga birine öwürmek synanyşyklaryna garşy durmakdyr.

**Ralf Uoldo Emerson.**

☑ Biziň durmuşdaky iň uly maksadymyz beýlekilere kömek etmekdir. Eger kömek edip bilmeýän bolsaňyzam, hiç bolmanda olara zyýan ýetirmäň.

**Dalaý Lama.**

☑ Ýol tapyň, ýol tapyp bilmeseňiz, täze ýol açyň.

**Gannibal.**

☑ Gedemlik adamda kämilleşmäge bolan ähli mümkinçiligi ýok edýär.

**Lew Tolstoý.**

☑ Ulumsylyk we gedemlik gowşaklygyň hem-de akylsyzlygyň iň uly alamatydyr.

**Mihail Lermontow.**

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Uçaryň ganatyna çykdy.** Beýik Britaniýanyň 97 ýaşly ýaşaýjysy Betti Bromeýj uçup barýan uçaryň ganatyna çykan iň gartaşan zenan hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Şeýle howply uçuşy eýýäm altynjy gezek amala aşyran Betti ýakynda insult geçirendigine garamazdan, niýetinden dänmedi. Ol bu gezekki çäräni öz bejergi alan Çeltenhem hassahanasyna haýyr-sahawat serişdelerini toplamak maksady bilen geçirdi.



**«Tesla»-nyň täze sepgidi.** «Tesla» kompaniýasy Kaliforniýa ştatyndaky kärhanasynda 10 millionynjy elektromobilini öndürip, taryhy sepgide ýetdi. Kompaniýa şu ýylyň birinji ýarymynda 830 müňden gowrak ulag satyp, önümçiligiň we islegiň esasy bölegini «Model 3» we «Model Y» kysymlary bilen üpjün etdi. Bu üstünlikde Hytaýdaky 4,5 milliondan gowrak ulag çykaran «Gigafactory Shanghai» zawody aýratyn orun eýeledi.



**Emeli aňa 1,1 trillion dollar.** 2023-nji ýyldan bäri «Amazon», «Google», «Microsoft» we «Meta» emeli aňy ösdürmäge 1,1 trillion dollar gönükdirdiler. «Financial Times» neşiriniň habaryna görä, diňe 2026-njy ýylda bu çykdajylaryň ýene 745 milliard dollar artmagyna garaşylýar. Bu maýa goýumlar eýýäm öz netijesini berip, «bulut» hyzmatlarynyň ösüşini çaltlandyrdy we «Meta»-nyň mahabat girdejilerini 28 göterim artdyrdy.




**Awtoýola Trampyň ady dakyldy.** Marokkonyň Patyşasy Muhammet VI Afrikadaky iň uzyn ýol bolan 1055 kilometrlik Tiznit-Dahla awtoýoluna ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň adyny dakdy. Bu karar Waşingtonyň Marokkonyň Günbatar Saharadaky özygtyýarlygyny ykrar etmegine minnetdarlyk hökmünde kabul edildi. Atlantik kenaryndaky täze magistral Ýewropa bilen Afrikany birleşdirýän söwda köprüsine öwrüler.



**Amur gaplaňy tebigata goýberildi.** Gazagystanyň «Ile-Balhaş» goraghanasynda Russiýadan getirilen «Ümit» atly urkaçy Amur gaplaňy ýabany tebigata goýberildi. Emeli hemra arkaly gözegçilik edilýän bu haýwan aradan 80 ýyla golaý wagt geçenden soň ýurtda ýitip giden populýasiýany dikeltmek maksady bilen tebigata goýberildi. Gazagystana getirilen jemi 4 gaplaňyň birisi tebigata goýberilip, galan 3-si häzir täze gurşawa uýgunlaşýar.



**40 müň ýyllyk seýrek tapyndy.** Germaniýanyň Hole-Fels gowagynda mamont süňkünden ýasalan 40 müň ýyllyk iki sany guş heýkeljigi tapyldy. Týubingen uniwersitetiniň alymlarynyň bu tapyndysy irki adamlaryň Buzluk eýýamynda ýokary çeperçilik sungatyna eýe bolandygyny görkezýär. Oturan we ganatlaryny ýaýýan guşy şekillendirýän heýkeljikler 2027-nji ýylyň 4-nji apreline çenli Blauboýren şäheriniň muzeýinde goýlar.



**Baltika deňzini ýüzüp geçdi.** Polşaly türgen Bartlomeý Kubkowskiý Baltika deňzini ýüzüp geçmegi başardy. Ol Şwesiýadan Polşa çenli 160 kilometrlik aralygy 55 sagatda säginmän geçip, «Cancer Fighters» haýyr-sahawat gaznasyna serişde toplady. Türgen başinji synanyşygynda gazanan bu üstünliginiň dowamynda ýany bilen barýan gaýyga el degirmän, ýörite turbajyk arkaly iýmitlendi.



# Prezident kasam kabul etdi

**Kolumbiýada täze saýlanan Prezident Abelardo de la Esprielýa 7-nji awgustda Kali şäheriniň Santýago-de-Kali uniwersitetiniň meýdançasynda geçirilen dabarada kasam kabul edip, dört ýyllyk möhletdäki döwlet Baştutany wezipesine resmi taýdan başlady.**



**Kolumbiýanyň täze taryhynda ilkinji gezek Prezidentiň wezipä girişmek dabarasy paýtagt Bogota şäherinden daşarda geçirildi. Ýokary derejede guralan çärä Ispaniýanyň Patyşasy Filip VI, Argentinanyň Prezidenti Hawýer Mileý, Ekwadoryň Prezidenti Daniel Noboa we Çiliniň Prezidenti Hose Antonio Kast dagylar bilen birlikde, köp sanly halkara derejeli wekiller hem gatnaşdy.**

**Kolumbiýanyň Milli saýlaw geňeşi 21-nji iýunda geçirilen Prezident saýlawlarynyň jemleýji netijelerini 24-nji iýunda resmi taýdan tassyklady. Saýlawlarda «Watany goraýjylar» atly sagçy syýasy hereketden dalaşgär bolan 48 ýaşly garaşsyz hukukçy Abelardo de la Esprielýa ýeňiş gazandy. Saýlawlaryň 21-nji iýunda geçirilen ikinji tapgyrynda ol sesleriň 49,6 göterimini toplady. Şeýlelikde, ol öz bäsdeşi – çepçi «Taryhy pakt» partiýasynyň dalaşgäri Iwan Sepedadan 1% öňe geçmegi başardy. Täze saýlanan döwlet Baştutany bu wezipäni 2030-njy ýylyň awgustyna çenli ýerine ýetirer.**

**Abelardo de la Esprielýa 1978-nji ýylyň 31-nji iýulynda Bogota şäherinde dogulýar. Ol Kolumbiýanyň Serhio Arboleda we Esternado hem-de Ispaniýanyň Nebriha uniwersitetlerinde kriminologiýa, dolandyryş we halkara hukugy boýunça ýokary bilim alýar. 2002-nji ýylda Kolumbiýada we ABŞ-da şahamçalary bolan «De La Espriella Lawyers» hukuk firmasyny açýar. Wagtyň geçmegi bilen, ol öz işini giňeldip, sarp ediş harytlary, gurluşyk we gozgalmaýan emläk ugurlary boýunça iri işewürlik ulgamyny döredýär. Täze Prezident ýurtda köpçülikleýin howpsuzlygy berkitmegi, jenaýatçylyga we neşe söwdasyna garşy berk çäreleri görmegi hem-de döwlet çykdajylarydyr salgytlary azaltmagy maksat edinýär.**

# Wengriýanyň täze Prezidenti

**11-nji awgustda Wengriýanyň parlamentiniň deputatlary Andraş Bakany ýurduň täze Prezidenti wezipesine saýlady. Ýurduň täze hökümet ýolbaşçysy Peter Madýaryň başlangyjy bilen Konstitusiýa girizilen düzedişlerden soň öňki Prezident Tamaş Şuýogyň ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyryldy, şondan soň geçirilen ses berişlikde 73 ýaşly dalaşgär 140 ses alyp, döwlet Baştutany wezipesine saýlandy. Täze Prezident 19-njy awgustda resmi taýdan öz wezipesine girişer.**

**Saýlawlardan soňky ilkinji çykyşynda Andraş Baka mundan beýläk kanunçylygyň berk berjaý edilmeginiň, öňde duran wezipeleri amala aşyrmakda ýerlikli dolandyryş usullaryna daýanylmagynyň hem-de bähbitleri goralmaly bolan her bir raýatyň hukuklarynyň üpjün edilmeginiň wajypdygyny nygtady.**

**Täze döwlet Baştutanynyň saýlanmagy häzirki Prezident Tamaş Şuýogyň ygtyýarlyk möhletiniň 20-nji iýulda tamamlanmagy bilen baglanyşyklydyr.**

**Andraş Baka 2009-2011-nji ýyllar aralygynda Wengriýanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy, ondan öň bolsa 17 ýylyň dowamynda Ýewropanyň Adam hukuklary boýunça kazyýetiniň kazysy wezipesinde zähmet çekipdi. Ýatladyp geçsek, şu ýylyň maý aýynda Wengriýada Premýer-ministr Wiktor Orbanyň 16 ýyllyk dolandyryşy tamamlanyp, Peter Madýaryň ýolbaşçylygyndaky täze koalision Hökümet iş başyna geçdi.**



# IKI UNIWERSITET BIRLEŞDIRILDI

Beýik Britaniýanyň Kent we Grinwiç uniwersitetleri birleşip, ýurtda ilkinji superuniwersitet bolan «London and South East University Group» (LASE) toparyny döretdiler. Täze döredilen toparda 50 müňden gowrak talyp bilim alar we ol talyplarynyň sany boýunça Beýik Britaniýada üçünji orny eýelär. Bu birleşme ýurduň ýokary bilim ulgamynyň agyr ykdysady ýagdaýlary başyndan geçirýän we birnäçe iri ýokary okuw mekdepleriniň maliýe çökgünliginiň howpy astynda duran döwründe amala aşyryldy.



Täze düzüm geljekde başga uniwersitetleriň hem goşulmagyna niýetlenip taslandy. Ylalaşyga görä, iki uniwersitet hem öz ozalky atlaryny we akademik bölümlerini saklap galar – talyplar öňküsi ýaly saýlan okuw mekdebine resminamalaryny tabşyrarlar we şol ýeriň diplomyny alarlar. Emma olaryň umumy dolandyryş topary we rektory bir bolar. LASE toparynyň resmi açylyş dabarasy 7-nji sentýabrda Grinwiç, Eýweri-Hill, Medueý we Kenterberi şäherçelerinde (kampuslarynda) geçiriler.

Täze guramanyň ilkinji rektory, professor Jeýn Harrington bu birleşmäniň uniwersitetler üçin çeýe täze modeli döredendigini hem-de öňde duran kynçylyklary ýeňip geçmäge mümkinçilik berjekdigini belledi. Deputatlaryň bellemegine görä, beýle adaty bolmadyk çäre diňe bir maliýe kynçylyklarynyň öňüni almaga kömek etmän, Beýik Britaniýanyň halkara bilim meýdanyndaky abraýyny goramaga we ýurduň ykdysadyýetine uly peýda getirmäge ýardam eder.

# 2029-njy ýylyň binagärlik paýtagty

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) hem-de Halkara binagärler birleşiginiň (UIA) karary bilen Pekin şäheri 2029-njy ýylda Bütindünýä binagärlik paýtagty diýlip mälim edildi. Degişli karar Halkara binagärler birleşiginiň (UIA) Bütindünýä binagärlik paýtagty boýunça bilelikdäki komitetiniň maslahaty esasynda kabul edildi.




ÝUNESKO-nyň we Halkara binagärler birleşiginiň bilelikdäki maksatnamasy binagärligiň, şäher gurluşygyny meýilleşdirmegiň, medeniýetiň we mirasyň durnukly şäher ösüşini üpjün etmekdäki özgerdiji ornuny aýratyn nygtaýar. Däp bolşy ýaly, bu abraýly ady her üç ýyldan UIA-nyň Bütindünýä kongresini geçirýän şäher alýar.

ÝUNESKO-nyň habar bermegine görä, Pekin dünýäniň baý arhitektura mirasyny durnukly şäher ösüşine bolan öňdengörüjilikli çemeleşme bilen ajaýyp utgaşdyryp bilendigi üçin saýlanyp alyndy.

ÝUNESKO-nyň metbugat beýanatynda bellenilişi ýaly, Pekiniň taryhy ýerleri, täze gurluşyklary we baý medeniýeti – gadymy mirasyň we döredijiligiň adamlaryň bähbitleri bilen birleşip, şäherleri durnukly hem-de ýaşamak üçin örän amatly edip biljekdigini görkezýär.

# Ilatyň 80 göterimi şäherli bolar

Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we sosial işler boýunça departamentiniň taýýarlan seljermelerine görä, 2050-nji ýyla çenli planetanyň ilatynyň 80 göterimden gowragy şäherlerde we şäherçelerde ýaşar. Şunlukda, dünýä ilatynyň şäherleşmek meýli taryhda öň görülmedik görkezijä ýetip, uly şäherlerde ýaşaýanlaryň sany 4,67 milliard adama deň bolar. Bu bolsa geçen asyryň ortalaryndaky görkezijiden dokuz esse köpdür.



Hünärmenleriň maglumatlaryna görä, 1950-2050-nji ýyllary öz içine alýan 100 ýyllyk döwürde adamzat jemgyýetinde düýpli demografik özgerişler bolup geçýär. Eger-de 1950-nji ýylda dünýä ilatynyň diňe 20 göterimi (ýarym milliard adam) uly şäherlerde ýaşan bolsa, 1975-nji ýylda şäher ilatynyň sany ilkinji gezek oba ilatyndan geçdi. 1997-nji ýylda bolsa şäherler ilatynyň sany boýunça iň uly kategoriýa öwrüldi. 2025-nji ýylyň netijelerine görä, planetamyzyň 3,69 milliard ýaşaýjysy (umumy sanyň 45 göterimi) uly şäherlerde ýaşaýar we häzirki wagtda şäherler dünýäniň 104 döwletinde ilatyň iň köp ýaşaýan ýeri hökmünde öňe saýlanýar.

Şol bir wagtyň özünde oba ýerleriniň ilatynyň paýy yzygiderli azalýar. Geçen asyryň ortalarynda oba ilatynyň paýy 40 göterim bolan bolsa, häzirki wagtda bu görkeziji 20 göterime düşdi, 2050-nji ýyla çenli bolsa 17 göterime çenli azalar. BMG-niň çaklamagyna görä, 2046-njy ýylda oba ilatynyň sany taryhdaky iň ýokary derejesine (1,65 milliard adama) ýeter. Şol ýyldan soň oba ýaşaýjylarynyň diňe bir göterim paýy däl, eýsem, hakyky adam sany hem kem-kemden azalyp başlar. Ýakyn onýyllyklarda oba ilatynyň ösüşi diňe Saharanyň günortasyndaky Afrika sebitinde saklanyp galar.

Oba hojalyk önümçiliginiň awtomatlaşdyrylmagy, täze iş orunlarynyň döredilmegi, bilimiň hem-de saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hili, döwrebap düzüm we giň medeni mümkinçilikler adamlaryň şäherlere ymtylmagynyň esasy sebäpleri hökmünde görkezilýär. Şunlukda, XXI asyryň ortalaryna çenli adamzat taryhynda oba durmuşyndan şäher siwilizasiýasyna geçiş tapgyry doly tamamlanar.

# «Artemis III» taryhy missiýasy

Ýewropanyň kosmos gullugynyň (ESA) italiýaly astronawty Luka Parmitano NASA-nyň «Artemis III» kosmos missiýasyna goşulyp, Aýyň töweregindäki orbita iberiljek ilkinji ýewropaly bolar. 2027-nji ýyla meýilleşdirilýän bu synag uçuşynyň esasy maksady adamlaryň Aýa gaýtadan gonmagy üçin taýýarlyk işlerini geçirmekden ybaratdyr. Ýewropa tarapy bu taslama arkaly ABŞ bilen kosmos barlaglary babatyndaky hyzmatdaşlygyny berkitmegi we bu ugurda öňdebaryjy hyzmatdaş bolmagy maksat edinýär.




Missiýanyň çäklerinde «Orion» kosmos gämisindäki dört astronawt – NASA-nyň üç wekili we Luka Parmitano Ýeriň aşaky orbitasyna baransoň, «SpaceX» hem-da «Blue Origin» kompaniýalary tarapyndan işlenip düzülen Aýa gonujy modullara geçerler. Ýewropa kosmos gullugy bu maksatnama üçin «Orion» gämisini elektrik energiýasy, kislorod we suw bilen üpjün edýän ýörite hyzmat modulyny öndürip, taslama uly goşant goşdy. Bu uçuşa NASA tarapyndan adamlaryň gatnaşmagyndaky (ekipažly) iň çylşyrymly kosmos missiýalarynyň biri hökmünde baha berilýär.

Häzirki wagtda astronawtlar topary ABŞ-nyň Hýuston şäherinde ýerleşýän Jonson adyndaky kosmos merkezinde çylşyrymly türgenleşikleri we gäminiň ulgamlaryny dolandyrmaga degişli synaglary geçirýärler. Şeýlelikde, Ýewropa bilen ABŞ-nyň hünärmenleri kosmosy öwrenmekde we ylmy gözlegleri ösdürmekde umumy maksatlara eýerip, hyzmatdaşlygy yzygiderli dowam etdirýärler.

# MERÝEM ENÄNIŇ HEÝKELI AÇYLAR

**15-nji awgustda Polşanyň Kuýawsko-Pamor welaýatynyň Torun şäheriniň golaýyndaky Konotopa obasynda Merýem enäniň Ýewropada iň beýik heýkeliniň dabaraly açylyşy we keramatlandyryş dabarasy geçiriler. Rim-katolik buthanasy tarapyndan bellenilýän esasy dini baýramlaryň birine gabatlanan bu dabaraly çäre ýepiskop Kşiştof Wentkowskiniň ýolbaşçylygynda geçiriler. Polatdan we betondan ybarat bolan bu binagärlik desgasynyň umumy beýikligi 55,6 metre ýetýär. Bu bolsa Rio-de-Žaneýrodaky meşhur Isa mesihiň heýkelinden hem beýikdir. Dünýäde iň uly dini ýadygärlik bolsa Filippinlerde ýerleşýän «Aziýanyň enesi – parahatçylyk diňi» heýkeli bolup, onuň beýikligi binasy bilen bilelikde 98 metrden gowrakdyr.**

**Gurluşyk işleri 2025-nji ýylda mülkdar Adam Ýakub Mateýkowskiniň taslamasy boýunça başlandy. Taslama telekeçi Roman Karkosik we onuň ýanýoldaşy Graşina tarapyndan haýyr-sahawat hökmünde bölünip berlen serişdeleriň hasabyna amala aşyryldy. Desganyň gurluşygyna, takmynan, 100 million zlot (23 million ýewro) sarp edildi.**

**Obanyň arçyny Meçislaw Grembiskiý bu wakanyň diňe bir obanyň däl, eýsem, tutuş ýurduň durmuşynda uly ähmiýete eýedigini hem-de sebite eýýäm köpsanly syýahatçylaryň we zyýaratçylaryň gelip başlandygyny belledi. Şonuň bilen birlikde, ýol-ulag we durmuş düzümlerini kämilleşdirmek boýunça degişli işleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Kikul obasynyň keramatly Woýseh buthanasynyň wekilleri bu monumental binanyň esasy maksadynyň ruhy gymmatlyklary dikeltmekden we ynamy berkitmekden ybaratdygyny nygtaýarlar.**



# TARYHDA ŞU GÜN

**1888-nji ýylyň 14-nji awgustynda amerikan oýlap tapyjysy Oliwer Şellenberger elektrik energiýasyny ölçeýän ilkinji enjamyna patent aldy. Üýtgeýän tok zynjyrynda sarp edilýän güýji takyk hasaplaýan enjam pudagyň täjirçilik taýdan ösmegine uly goşant goşdy. Ol elektrik energiýasyny sarp edijilere takyk möçberde satmak ulgamynyň emele gelmegini üpjün etdi.**



# ÝAŞAMAK ÜÇIN IŇ GOWY ÝURT

**«Rumawi» konsalting kompaniýasynyň dünýäniň 192 döwletinde geçiren barlaglary esasynda taýýarlan göçüp barmak üçin iň amatly ýurtlary kesgitleýän reýtingde Estoniýa birinji orny eýeledi. Her ýyl neşir edilýän bu halkara reýtingde ýurtlaryň maliýe we salgyt ulgamy, durmuşyň hili hem-de saglygy goraýyş, howpsuzlyk we durnuklylyk hem-de täze şertlere uýgunlaşmak mümkinçilikleri ýaly ugurlarda 24 ugra baha berilýär. «Rumavi» kompaniýasynyň barlaglarynda Bütindünýä bankynyň, «Mercer» guramasynyň hem-de Global parahatçylyk indeksiniň maglumatlary netijeli ulanyldy.**

**Ýylyň ikinji çärýeginde Estoniýa Respublikasy bank-walýuta düzüminiň ösüşi, işewürlik mümkinçilikleri we daşary ýurt raýatlarynyň eýeçilik hukuklarynyň kepillendirilişi babatda ýokary netijeleri görkezdi. Şeýle hem maşgala bolup ýaşamak üçin iň amatly ýurt diýlip yglan edilen Estoniýa Respublikasy telekeçilik ugrunda diňe Singapurdan yza galyp, ikinji orny eýeledi. Resmi görkezijilerde Estoniýa bilen bir hatarda Singapur, Malaýziýa we Portugaliýa hem ilkinji orunlary eýeledi. Bellenilişi ýaly, uzak aralykdan işleýän hünärmenler üçin Malaýziýa bilen Portugaliýa iň amatly ugurlar diýlip görkezildi.**






# KANADANYŇ MENEKLI KÖLI

**Tebigatyň täsin gözellikleriniň biri bolan Spoetted köli tomus aýlarynda suwunyň bugaryp azalmagy bilen özboluşly görnüşe eýe bolýar. Her ýyl millionlarça syýahatçyny özüne çekýän bu köl tomus paslynyň gelmegi bilen tebigatdaky wizual tomaşalaryň birine öwrülýär.**



**Gyşda we ýazda adaty suw howdany hökmünde görünýän bu ýer howanyň temperaturasy ýokarlananda, ýagny howa gyzyp ugranda 365 sany tegelek we kiçijik köle bölünýär. Kanadanyň Britaniýa Kolumbiýasynda ýerleşýän menege meňzeş köller ýokary mineral düzümi sebäpli dürli reňkde öwşün atýar. Köpçüligiň arasynda «Tegmilli köl, tegelek köl» ady bilen tanalýan bu kölleriň düzüminde magniý sulfaty, natriý sulfaty, kümüş we titan ýaly minerallar saklanýar. Gün şöhlesiniň düşüş derejesine görä, ýaşyl, gök, sary we ak reňkde öwşün atýan tegelek köller okanagan halky üçin mukaddes ýer hasaplanypdyr. Taryhy maglumatlara görä, bu taýpanyň agzalary kölüň suwuny bejergi hökmünde, ýagny ýarany, bogun we myşsa agyrylaryny bejermekde ulanypdyrlar. Häzirki wagtda hem ýerli ilat bu dessury dowam etdirýär.**

**2001-nji ýylda Spoetted köli we daş-töweregi Kanadanyň Hökümeti tarapyndan goralýan ýer hökmünde yglan edildi. Sebitiň ekologik deňagramlylygyny we ýerli halkyň medeni mirasyny gorap saklamak maksady bilen, kölüň içine girmek we töwereginde gezmek gadagan edildi. Myhmanlar 22 gektar meýdany tutýan bu täsin gözelligi diňe awtoulag ýolunyň ugrunda ýerleşýän meýdançada synlap ýa-da surata düşürip bilýärler.**



# ABŞ-nyň ÖSEN SYÝAHATÇYLYK ŞÄHERI

Miçigan kölüniň suwuna şöhle saçýan beýik binalary bilen görenleri haýrana goýýan Çikago Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň iň owadan we ösen şäherleriniň biridir. Tutýan meýdany 600 inedördül kilometr bolan metropolda 3 milliona golaý ilat ýaşaýar. Illinoýs ştatynyň iň köp ilatly şäheri we ABŞ-da iň köp ilatly üçünji şäher derejesini saklaýan Çikagonyň esasy ilatyny amerikanlar, afroamerikanlar, ispanlar we aziýalylar emele getirýär.



«Şemally şäher» ady bilen tanalýan Çikago ýurduň iň uly kölleriniň biri bolan Miçigan kölüniň günorta-günbatar kenarynda ýerleşýär. Şäheriň howasy jana şypaly bolup, maşk ýa-da gezelenç etmek üçin ýaramly hasaplanýar. Deňiz derejesinden 179 metr belentlikde ýerleşýän «şemally şäheriň» merkezinden Çikago derýasy akyp geçýär. Derýanyň ugrunda 38 sany köpri bolup, gije-gündiz suw ulaglary hereket edýär. Suw ulaglarynyň aglaba bölegi syýahatçylyk gämileri bolup, şäheriň binagärlik gurluşy bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär. Şäherde plýažlar, kenarýaka dynç alyş merkezleri, seýilgähler we welosiped ýodalary örän köp.



Bulutlaryň arasyndan görünýän Çikagodaky binalar belentligi we kaşaňlygy bilen tapawutlanyp, täsin şäher gurluşygyny emele getirýär. Çikagodaky iň beýik bina Willis diňi bolup, beýikligi 442 metre ýetýär. Ondan soňra Tramp halkara myhmanhanasy we diňi (423 metr), Sankt-Regisdäki kabulhana binasy (365 metr), Aon merkezi (346 metr), Franklin merkezi (307 metr), Prudenşal Plaza 2 (303 metr) we Akwa binasy (262 metr) gelýär. Çikagonyň meşhur binalarynyň hatarynda «Bulut derwezesi» diýlip atlandyrylýan «Cloud Gate» bolup, bu heýkel şäheriň nusgawy binagärligi bilen häzirki zaman sungatyny birleşdirýär.





XX asyryň başynda Çikago göçüp baran afroamerikalylar delta blýuz sazyny getirip, elektrik saz gurallary bilen birleşdirýärler. Şeýlelikde, «Çikago-blýuz» ady bilen tanalýan güýçli we täsirli aýdym-saz stili döredilýär. Aýdym-sazyň bu žanry häzirki wagtda meşhur bolup, Çikagoda ýygy-ýygydan konsertler guralýar.



Müňýyllyk seýilgähi Çikagonyň iň esasy syýahatçylyk merkezi bolup, Çikago sungat muzeýi, Willis diňi, Tebigat taryhy muzeýi, Şedda akwariumy, «Navy Pier» söwda we dynç alyş merkezi, Linkoln seýilgähi şäheriň iň meşhur ýerleri hasaplanýar. Çikago her ýyl 55 million syýahatçy barýar.

# BÜTINDÜNÝÄ ÇEPBEKEÝLER GÜNI

Her ýylyň 13-nji awgustynda Bütindünýä çepbekeýler güni bellenilip geçilýär. Maglumatlara görä, dünýä ilatynyň, takmynan, 7-12 göterimi çepbekeý bolup, zenanlar bilen deňeşdirilende erkekleriň arasynda çepbekeýler has köp gabat gelýär. 1976-njy ýyldan bäri bellenilip gelinýän bu sene mynasybetli köp ýurtda çepbekeýleriň arasynda dizaýn işleri, surat çekmek, gaýçy bilen dürli şekilleri kesip ýasamak, konserw gutusyny açmak, saz gurallaryny çalmak ýaly dürli bäslesikler geçirilýär.

Çepbekeý adamlar gündelik durmuşda, esasan, çep elini ulanýarlar. Bütindünýä çepbekeýler gününiň bellenilip geçilmeginiň esasy maksady saglakaýlar üçin döredilen




önümleri çepbekeýler ulananda ýüze çykýan päsgelçiliklerden baş alyp çykmagy öwretmekden ybaratdyr. Mysal üçin, çepbekeýler nahar iýlende ýa-da sport ýaryşlarynda dürli kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. 1990-njy ýylda çepbekeý adamlaryň, esasan hem, mekdepde okaýan çepbekeý çagalaryň haýyşlaryna we ýüztutmalaryna jogap bermek üçin Çepbekeýler kluby döredilýär. Tölegsiz maslahat we maglumat berýän bu klubyň häzirki wagtda 140 müňden gowrak agzasy bar.

«Çepbekeýiň çemi bolmaz, eden işiniň kemi bolmaz» diýlişi ýaly, çepbekeýler öz işiniň ussady hasaplanýarlar. Olar bir işi howlukmazdan, kämil derejede ýerine ýetirýärler. Bilermenleriň bellemegine görä, çepbekeýler döredijilik, sungat, arhitektura, dizaýn we sport ýaly ugurlara berlen adamlar bolup, zähmeti köp talap edýän inçe işlere güýmenmegi gowy görýärler. Dünýäde iň meşhur çepbekeý adamlaryň hatarynda Leonardo da Winçi, Çarli Çaplin, Albert Eýnşteýn, Isaak Nýuton, Pele, Pol Makkartni, Bill Geýts ýaly şahsyýetler bar.

Häzirki wagtda dünýäniň dürli künjeklerinde «çep elli zolaklar» döredilip, käbir zawod-fabrikde, ofisde, restoranda diňe çepbekeýler üçin niýetlenen önümlerdir enjamlar ulanylýar. Soňky ýyllarda çepbekeýlere niýetlenen enjamlaryň, gurallaryň, peç ellikleriniň we golf enjamlarynyň söwdasy barha artýar.

Hünärmenler çepbekeý bolmagyň genetika, çaganyň ene garnyndaky ösüşi we beýniniň gurluşy bilen bagly ýagdaýdygyny belleýärler. Geçirilen barlaglarda käbir adamyň «iki elli» bolýandygy, ýagny hem sag, hem-de çep elini gezekleşdirip ulanyp bilýändigi ýüze çykaryldy.

# 404 kody näme manyny aňladýar?!

**«Google»-da iň köp duş gelýän duýduryşlaryň biri bolan 404 ýalňyşlygynyň näme many aňladýandygy we nireden gelip çykandygy köpleri gyzyklandyrýan bolsa gerek. Eýsem, her gün millionlarça adamyň ekranlarynda ýüze çykan meseläni görkezýän 404 kody nädip peýda boldy?!**

**Internetiň döredilen ilkinji günlerinde köpçüligiň arasynda şeýle gürrüň ýaýrady. Gürrüňe görä, Bütindünýä torunyň döredilen ýeri bolan Şweýsariýadaky CERN laboratoriýasynda 404 belgili syrly otag bardy. Inženerler gözleg maglumatlaryna jogap berilmedik mahaly internetiň ýüregi hasaplanýan bu otagdaky serwerlere «404-nji otag: Faýl tapylmady» diýen awtomatlaşdyrylan habary iberýärdiler.**




**Internetiň syrlarynyň biri hökmünde ýyllarboýy gürrüňi edilen 404-nji otag baradaky maglumatlar we düşünjeler aslynda ýok zat. Internetiň arhitektorlarynyň biri bolan belgiýaly inžener Robert Kaýo häzirki zaman beýanaty bilen bu gürrüňe soňky nokady goýdy. Kaýonyň sözlerine görä, CERN-iň desgalarynda hiç haçan 404 belgili otag we serwer bolmandyr. Şeýle hem şol wagtky laboratoriýadaky belgileme ulgamy 400-e ýetmändir.**

**Şweýsariýadaky syrly ofis rowaýaty bilen baglanyşdyrylýan bu san, aslynda inženerçilik logikasyna esaslanýar. 1990-njy ýyllaryň başynda internet resminamalary işlenilip düzülende, ulgamyň ýagdaýyny toparlara paýlamak üçin (klassifikasiýa) 3 belgili sanlar saýlanyp alyndy. Bu ulgamlaýyn gurluşa görä, 4-lik belgi bilen başlaýan kodlar gönüden-göni ulanyjyda ýüze çykan meseläni görkezýärdi. Berk düzgünleşdirilen bu matematik ulgamda 400 «Zyýanly talap», 401 «Rugsat berilmedik, tassyklanmadyk», 402 «Nädogry töleg», 403 «Gadagan edilen» diýmegi aňladýar. 404 ýalňyşlygy bolsa «Tapylmady» manysyna eýe bolup, internetde gözlenýän faýl (surat ýa-da sahypa) bütindünýä torunda öň goýlup, öçürilen ýa-da başga ýere göçürilen halatynda, salgy ýalňyş ýazylanda, baglanyşyk bolmadyk halatynda ekranda peýda bolýar.**

# 152 ýyldan bäri akýar

Rimiň köçelerinde 152 ýyldan bäri köpçüligi içimlik suwy bilen üpjün edýän nasoni gidrantlaryň uzak ýyllaryň dowamynda suwunyň kesilmän akyp durmagy bilen köpçüligi haýran galdyrýar. Italiýanyň paýtagtyna gezelenje barýan syýahatçylar şäheriň köçelerinden ýöräp barýarka, çoýun turbadan akyp duran suwdan içip bilýärler. Kolizeý ýadygärliginiň we Trewi suw çüwdürimler toplumynyň ýerleşýän ýeri bolan Rim şäheriniň ähli köçesinde gabat gelýän nasoniler XIX asyrda şäher ilatyny mugt suw bilen üpjün etmek üçin işlenip düzülipdir.



**Taryhy**

Şäher gurluşygy diýlende, ilkinji ýadyňa düşýän ýerleriň biri bolan Rimde 1874-nji ýylda ilaty arassa agyz suwy bilen mugt üpjün etmek üçin taslama işlenip düzülýär. Şäher häkiminiň we geňeş agzalarynyň kararyna laýyklykda, şol ýyl Rimiň şäher merkezinde we köçelerinde ilaty agyz suwy bilen üpjün etjek ulgamyň gurluşygyna başlanýar. Şäherde gidrantlaryň gurulmagynyň esasy maksady jemgyýetiň sagdynlygyny we arassaçylygyny üpjün etmekden hem-de şäheriň suw paýlaýyş ulgamyna düşýän ýüki ýeňilleşdirmekden ybarat bolupdyr. Suw gidrantlary üçin beýikligi 120 santimetr, agramy 100 kilogram bolan çoýun sütünler taýýarlanylýar. Agyr sütünleriň üç ýerinden suw akýan krant oturdylýar. Wagtyň geçmegi bilen suw akýan enjamdaky «üç kelleli aždarha» meňzeş turbalar aýrylyp, ornuna ýekeje egri turba oturdylýar. Daşyndan seredeniňde adamyň burnuna meňzeýän egri turbaly suw enjamyna italýan dilinde «uly burun» diýmegi aňladýan «nasoni» ady berilýär.

Rim şäherinde, takmynan, 2800 – 3000 aralygynda nasoni bar. Bu çoýun turbalaryň 200-si taryhy meýdançalarda we köne şäher sebitinde ýerleşýär. Häzirki wagtda «uly burunlaryň» ýerini mobil programmalar arkaly hem tapyp bolýar. Bu bolsa, şäher ýaşaýjylarynyň we syýahatçylaryň işini ýeňilleşdirýär. 152 ýyllyk taryhy bolan nasoni suw çüwdürimleri rimliler üçin uly gymmatlyk hasaplanýar. Sebäbi çoýun turbadan akýan suw Rimde ýaşaýan her bir adamyň içimlik suwuna bolan hukugynyň bardygyny görkezýär.

Nasonilerden gije-gündiz suw akyp durýar. Şäheriň umumy agyz suwunyň 1 göterimini emele getirýän bu suwuň artykmajy lagyma goşulýar we gaýtadan işlenilýär. Nasoniden akýan suw bilen öýlere berilýän içimlik suwuň çeşmesi bir bolup, köçeden suw içmek adam saglygyna zyýan ýetirmeýär. Burna meňzeş turbadan akyp duran suw yzygiderli hil gözegçiliginden geçirilýär.

# TOMUS PASLYNYŇ SÜÝJI MIWESI

Tomus paslynda ak bazarlaryň bezegine öwrülýän şetdaly saglyk üçin peýdaly miweleriň biri hasaplanýar. Miweli agajyň bir görnüşi bolan şetdaly, esasan, yssy sebitlerde ösdürilip ýetişdirilýär. Şetdalynyň ata Watany Hytaý hasaplanýar. Hytaýdan tutuş Aziýa sebitine ýaýran bu miwe köpçülikleýin tanalyp başlanýar. Şeýlelikde, şetdaly Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen ilki Ortaýer deňziniň kenarlaryna, soňra Ýewropa döwletlerine we ABŞ-a baryp ýetýär. Şetdaly ösdürilip ýetişdirilişine aýratyn üns berilýän miweli agaçlaryň biri bolup, bu ugurda Hytaý, Italiýa, Ispaniýa we ABŞ esasy öndürijiler hasaplanýar.

Bägülgüllüler maşgalasyna degişli bu agajyň boýy ortaça 4-5 metre ýetýär. Onuň uzyndan uçly, ýalpyldawuk ýapraklary bolýar. Owadan gülgüne gülleri bilen tanalýan şetdaly mör-möjekleri özüne çekmek üçin baldagyndan şire bölüp çykarýar. Bu agajyň miwesi tomus we güýz aýlarynda ýetişýär. Ýeke şänikli miwesiniň daşy tüýli we tüýsüz bolup, ak, sary we gyzyl şetdaly ýaly görnüşlere bölünýär. Soňky ýyllarda bu miwäniň müňlerçe sorty döredildi. Şetdaly etli we suwly miwe bolup, birnäçe witamini özünde saklaýar. Şetdaly adam saglygyna peýdalydygy bilen gadym döwürlerden bäri meşhurdyr.

**Immuniteti güýçlendirýär.** Şetdaly immuniteti berkitmäge ýardam edýän antioksidantlary özünde jemleýär. Düzümindäki C we E witamini bedeniň garşy durujylygyny güýçlendirip, kesellere garşy göreşmäge goşant goşýar.



**Iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýär.** Şetdalynyň düzümindäki A, B3, C witaminleri, foliý turşusy, beta-karotin we kaliý iýmit siňdirişi aňsatlaşdyrýar. Doýgun ýag bolmandygy sebäpli bu miwe aşgazanda gyjynma döretmeýär. Şetdaly içgatama üçin peýdaly bolup, iýmit siňdiriş bozulmalarynyň öňüni alýar.

**Ýüregi goraýar.** Ýürek saglygyny goramagyň iň möhüm şertleriniň biri süýüme baý önümleri iýmekdir. Şetdalyda ýeterlik derejede süýüm saklanyp, ýokary gan basyşyna we holesteriniň derejesine oňyn täsir edýär.

**Derini gözelleşdirýär.** C witaminine baý bu miwe derini ýokançlyklardan we zyýanly şöhlelerden goraýar. Menekleri we deridäki yzlary aýyrmaga ýardam edýär.

**Görşi güýçlendirýär.** Şetdalyda saklanýan A witamini süňkler we dişler üçin peýdaly bolmak bilen bir hatarda, gijeki görşi hem gowulandyrýar. Bu miwe yzygiderli iýlende, görüş bilen bagly kynçylyklary aradan aýryp bolýar.



**Içegeleri işjeňleşdirýär.** Bilermenleriň bellemeklerine görä, şetdaly süýüme baýdygy sebäpli içegeleri herekete getirýär. Şeýle hem gandaky şekeriň derejesini deňagramly saklap, çalt ajykmagyň öňüni alýar.

**Ganazlygyň öňüni almaga kömek edýär.** Ganazlyk bedendäki gyzyl gan öýjükleriniň öndürilişiniň azalandygyny görkezýän alamat bolup, demir ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Şetdaly ganazlygyň öňüni almakda peýdaly bolup, bedende demriň siňmegini ýokarlandyrýar.

# Süňk iýýän ýyrtyjy guş

**Dünýäde guşlaryň 11 müňden gowrak görnüşi ýaşaýar. Guşlaryň aglaba bölegi ösümligiň dänesi, gurçukdyr mör-möjek bilen iýmitlenýän bolsa, käbiri balykdyr et bilen oňňut edýär. Bularyň arasynda süňk iýýän sakgally garaguş täsin iýmitleniş aýratynlygy bilen köpleri haýran galdyrýar.**

Ylmy ady «Gypaetus barbatus» bolan sakgally garaguş ýyrtyjy guşlar maşgalasyna degişli bolup, Ýewropanyň, Afrikanyň we Aziýanyň daglyk sebitlerinde duş gelýär. Garamtyl ganatly bu guşuň göwresi we kellesi aslynda ak reňkde bolýar. Gözüniň aşagynda sakgal ýaly uzyn gara tüý örtügi bolan ýyrtyjy guş, köplenç, ýata suwa baryp ýuwunýar we palçygy ýeleklerine çalýar. Şol sebäpli sakgally garaguş gyzgylt reňkde görünýär.

Sakgally garaguş, esasan, süňk bilen iýmitlenýär. Bu guşlar süňkleri çüňki bilen göterip, ýokary beýiklikden aşak taşlaýarlar. Süňk daşyň üstüne düşüp, kül-owram bolýar. Soňra bu guş aşak gonup, süňküň içindäki ýiligi we ownuk süňkleri iýýär.

Köplenç ýekelikde duş gelýän sakgally garaguşlar öz çägini ýyrtyjy guşlardan we jandarlardan berk goraýarlar. Bu guşlar günüň esasy bölegini ýokary belentlikde uçup geçirýärler. Sakgally guşlar käwagt taýak ýa-da agajyň kiçiräk bölegini ýokary äkidip, aşak taşlap, ýene-de howada tutup oýnaýarlar.

Guşuň insizden uzyn ganatlary howada çalt ýokary göterilmegine we uçmagyna mümkinçilik döredýär. Uzyn guýrukly bu guşlar sykylyga çalymdaş ses çykarýarlar. Göwresiniň uzynlygy 105-125 santimetre, ganatynyň uzynlygy 72-93 santimetre, agramy 5-7 kilograma çenli ýetýän



sakgally garaguş gaýalaryň ýüzünde, gür şahaly arça agaçlarynyň üstünde we barmasy kyn ýerlerde höwürtgeleýär. Süňkçi guşlar dekabr aýynda ýumurtga goýup, ýanwar-fewral aýlarynda jüýjeleýär. Sakgally garaguşuň jüýjesi iýun aýynda özbaşdak uçup başlaýar.

Ýurdumyzyň daglyk sebitlerinde seýrek ýagdaýda duş gelýän süňkçi guşlar Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. 30 ýyldan gowrak ýaşaýan sakgally garaguş Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň sanawynda görkezilýär.

# GURY ÝERIŇ IŇ ULY JANDARY

Gury ýerde ýaşaýan iň uly süýdemdirijileriň biri hasaplanýan piller äpet göwresi, uzyn holtumy we ýelpewaja meňzeş gulagy bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýär. «Tokaýyň bagbany» diýlip atlandyrylýan bu jandarlar Aziýa we Afrika yklymynda duş gelýär. Her ýylyň 12-nji awgustynda bu jandarlary gorap saklamak maksady bilen, Bütindünýä pil güni bellenilip geçilýär. Duýguçyl we akylly jandar hasaplanýan piller dem almak, yslary saýgarmak, suw içmek, iýmitlenmek we dürli zatlary tutmak üçin turba meňzeş uzyn burnuny (holtum) ulanýarlar. Maglumatlara görä, piliň holtumynda 40 müňden gowrak dürli myşşa bar. Uzyn holtumly jandarlar 70 ýyla çenli ýaşaýarlar. Pilleriň 2,5 santimetr galyňlykdaky derisi olaryň yssydan we sowukdan goranmagyny üpjün edýär. Äpet jandarlaryň ýatkeşligi örän ýiti bolup, adamlaryň ýüzüni gowy ýatda saklaýarlar. Piller böküp bilmeýän ýeke-täk jandarlardyr. Ýöne muňa garamazdan, sagatda 25-40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler. Bu jandarlar gije-gündiziň dowamynda 4 sagat uklaýarlar. Piller ökde ýüzüjiler bolup, 70 kilometr aralygy ýadaman ýüzüp geçip bilýärler. Beýnisiniň agramy 4-6 kilograma ýetýän piller haýwanat dünýäsinde iň akylly jandarlaryň biri hasaplanýar.





### Näme bilen iýmitlenýär?

Piller dürli miweler, agaçlaryň ýapraklary, kökleri we gabyklary bilen iýmitlenýärler. Olar ýaşaýan ýerine baglylykda bir günüň dowamynda 136 kilogramdan 450 kilograma çenli iýmit iýip bilýärler. Piller iýmit tapmak üçin köp aralyga ýöreýärler we her gün 100-300 litre çenli suw içýärler. Esasan hem, ene piller kiçijik piljagazlara iýmit tapyp bermek üçin ep-esli ýol geçýär. Ýaňy doglan piljagazyň agramy 100-120 kilogram töweregi, boýy 1 metre golaý bolýar. Piliň çagasy doglandan bary-ýogy 20 minutdan soň aýak üstüne galýar. 45-60 minutdan soň ýöräp başlaýar. Kiçijik pil iki günden soň sürä goşulyp, «syýahat» edip başlaýar.



### Näçe görnüşi bar?

Dünýäde pilleriň iki görnüşi – Aziýa we Afrika pili duş gelýär. Afrikada ýaşaýan piller Aziýa pillerinden uly bolup, agramy 6 tonna, boýy 3,5 metre ýetýär. Afrika piliniň erkeginde-de, urkaçysynda-da dişe meňzeş gyýak süňki bolýar. Aziýa piliniň bolsa diňe erkeginde gyýak süňk ösüp çykýar. Afrikada ýaşaýan piller suwsuzlyga we gurakçylyga has çydamly bolýarlar. Şeýle hem Afrikada ýaşaýan pilleriň holtumynda iki sany, Aziýada ýaşaýan pilleriň holtumynda bir sany ösüntgi bolýar. Piller süri bolup ýaşaýarlar. Beýleki jandarlardan tapawutlylykda, sürini urkaçy pil dolandyrýar. Piller Afrikanyň 37, Aziýanyň 13 ýurdunda duş gelip, käbir ýurtda iş maly hökmünde peýdalanylýar. Häzirki wagtda pilleriň umumy sanynyň 500 müň töweregidigi çaklanylýar. Aziýa pilleri sany azalyp barýan jandarlaryň hatarynda görkezilýär.

# Hepde hasaby nädip ýüze çykdy?!

**Her hepdede şol bir günleri başdan geçirýäris. Hepde hasabyna duşenbe güni başlaýarys, ýekşenbe güni tamamlaýarys. Eýsem, 7 günlük wagt hasaby nireden emele geldikä?! Näme üçin bir hepde 7 günden ybaratka?!**



Wagt hasaby asman jisimleriniň hereketine esaslanýar. Bir gün (24 sagat) Ýeriň öz okunyň daşyndan doly aýlanmagy bilen emele gelýär. Bir ýyl (365 gün 6 sagat) Ýeriň Günüň daşyndan bir gezek aýlanmagydyr. Bu goşmaça sagat sebäpli her dört ýyldan bir gezek fewral aýyna bir gün goşulýar. Bu «kabisa ýyly» (artyk ýyl) diýlip atlandyrylýar.

Şeýle-de bolsa, hepde we aý düşünjeleri gün hem-de ýyl hasaby ýaly aýdyň däl. Aýyň fazalary Gün ýyly bilen doly gabat gelmeýär. Aýyň Ýeriň daşyndan aýlanyşy, takmynan, 27 gün 7 sagat dowam edýär. Bu bolsa Gün hasabynda 13 aýyň bolýandygyny aňladýar.

Gadymy wawilonlylar asman jisimlerini we planetalaryň hereketlerini öwrenen ilkinji halk bolup, 7 günlük hepde hasabyny ýola goýýarlar. Olar 7-lik belgä uly hormat goýupdyrlar. Gadymy Wawilonda 7-lik belgi şowlulygyň, 7 gat asmanyň, 7 bölek ýer böleginiň nyşany hasaplanypdyr. Wawilonlylar göz bilen saýgaryp bolýan 7 sany asman jisiminiň (Gün, Aý, Merkuriý, Wenera, Mars, Ýupiter we Saturn) bardygyna ynanypdyrlar. Olar aý senenamasyny şu düşünjä görä düzüp, bir aýy 7 günden ybarat 4 bölege bölüpdirler. Şol döwürlerde beýleki siwilizasiýalarda hepde günleri başga sanlar bilen aňladylypdyr. Mysal üçin, müsürlileriň 1 hepdesinde 10 gün, rimlileriň 1 hepdesinde 8 gün bolupdyr.

Gadymy wawilon medeniýetiniň köp ýurtlara täsir etmegi bilen, biziň eýýamymyzdan öňki VII-VI asyrlarda 60 minutlyk sagat hasaby we 7 günlük hepde düşünjesi kabul edilip başlanýar. 7-lik hepde hasaplamasyna ilki bilen parslar we grekler geçýär. Asyrlar geçenden soň Aleksandr Makedonskiniň grek medeniýetini köp ýurtlara ýaýradyp başlamagy bilen, Hindistan, Ýakyn Gündogar we Aziýa sebitleri hem 7 günlük hepde hasabyny kabul edýärler.

Gadymy wawilonlylaryň ýerli ynançlaryna görä, oýlap tapan 7 günlük hepde hasaby häzirki wagtda hem bütin dünýäde ulanylyp gelinýär.

# Arktika miwesi

**Skandinawiýa we Sibir ýaly sowuk sebitlerde ösýän otjumak ösümlikleriň biri bolan moroşka ýantara meňzeş sarymtyl-narynç miwesi bilen tapawutlanýar. Rubuslar maşgalasyna degişli bu miwe ylmy dilde «Rubus chamaemorus» diýlip atlandyrylýar. Bişmedik wagty gyzyl, dolulygyna ýetişende bolsa lowurdap duran sary reňke öwrülýän moroşka miwesine başgaça «batga ýantary» hem diýilýär. Ýabany Arktika miwesi Norwegiýadan Alýaska çenli aralykdaky tundrada we batgalyklarda ösýär.**

**Boýy 10-25 santimetr uzynlykdaky moroşka köpýyllyk ösümlik bolup, bäş ýaprakly ak gülleri we malina meňzeş miwesi bar. 10 metre çenli uzaýan kökleri bilen tapawutlanýan bu ösümlik baldagynyň ujunda miwe getirýär. Uzakdan açylyp oturan güle meňzeýän moroşka agajyny ekerançylyk ýerlerinde ösdürip bolmaýar. Şol sebäpli adamlar bu ösümligiň miwesini ýygnamak üçin sowuk tundra tokaýlaryna we batgalyklara gitmeli bolýarlar.**

**Daşyndan malina ýa-da ýertudana çalym edýän bu miwe awgust aýynda ýetişýär. Demirgazyk sebitde güýz we gyş aýlarynda iň köp iýilýän miweleriň biri bolan sarymtyl ýertudana doňdurylan, jem (üwelip gaýnadylan) we konserwirlenen görnüşde eksport edilýär. Moroşka bişmedik wagty turşy, bişende bolsa erik ýaly süýji tagamly bolýar. Finlýandiýada**



**moroşkadan mürepbe taýýarlanyp, peýnirli çörek bilen iýilýär. Şwesiýada bolsa bu miwe wafli, byzmyk we doňdurma taýýarlamakda ulanylýar. Amerikalylar üçin elýetmez iýmit hasaplanýan moroşkadan marmelad hem taýýarlanýar. Mundan başga-da, desertlere we işdäaçarlara goşulýar. Miwäniň ýapragyny atym çaý ornuna demläp içip bolýar.**

**Sarymtyl malinanyň düzüminde C witamininiň uly mukdary saklanýar. Şol sebäpli bu miwe howanyň sowuk günleri iýilmeli iň esasy miweleriň biri hökmünde görkezilýär. Miwäniň düzüminde C witamininden başga, B, E witaminleri, karotinoidler, kaliý, magniý, sink we ýag kislotalary saklanýar.**

### 10 tapawudy tapyň!



### Labirint



### Gyzykly pursat








## 39-njy KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Oňurga bilen döşi birleşdirýän ýaý şekilli süňkler. **2.** ...-namys. **3.** Ýagyşdan we Günden goranmak üçin enjam. **4.** Ynanç, pikir. **5.** Öküze, ata goşulyp ýer sürülýän gadymy gural. **6.** Ýeňil (garşydaş söz). **7.** Iki zadyň ortalygy, ikara. **8.** Bina. **9.** Karar, rahatlyk. **10.** Bal (köne söz). **11.** Tebigy däl, ýasama. **12.** «Altyn ..., alkyş al» (nakyl). **17.** Öýke. **27.** Däneli ekin. **31.** Türkiýäniň pul birligi. **32.** Angliýanyň belli futbol topary. **33.** Gaýduwsyz, mert. **35.** Dykgat, oý-pikir. **36.** Sözlemiň aýyklaýjy agzasy. **37.** Ryswa. **39.** Dört çaryýarlaryň biri. **40.** Grek sany. **41.** Adamyň adynyň yzyna goşulýan, söýgüsini, gadyr-gymmaty aňladýan söz. **43.** Aýal dogan. **44.** Alyn dişlerden aňyrda ýerleşýän ýasy, iri dişler. **47.** Çeýe şahaly agaç, söwüt. **53.** At esbaby. **56.** Sil suwunyň akýan ugry. **59.** Atyň kellesine geýdirilýän agyzzyrykly, uzyn enjam. **62.** Beýik türkmen şahyrynyň edebi tahallusy. **63.** Yklymlaryň biri. **64.** Türkiýäniň paýtagty. **65.** Oglan ady. **66.** Deňiz. **67.** Ýüzlenme ýa-da çagyryş mazmunly ýazylan wagyz. **70.** Öküňç, puşman. **71.** Iki dagyň arasyndan uzap gidýän pes ýer. **72.** Geýim-gejim üçin dokalan ýüň, ýüpek. **73.** Meňzeş, kimin (manydaş söz). **75.** Süýdi we çaly içilýän, suwsuzlyga çydamly öý jandary. **76.** Kesilmän akyp ýatan ýap. **88.** Ümlük.

● **KESELIGINE:** **5.** Ak we gara sapaklardan örülen ýüp. **7.** Perdeganatlylar toparyna degişli mör-möjek. **9.** Gadymy ulag. **13.** Ýanyp küle öwrülmedik ot bölegi. **14.** Ygalyň görnüşi. **15.** Ýylan. **16.** Sesiňi kesmek, dymmak. **18.** Birine karz berlen pul. **19.** Yza. **20.** Bedende döreýän ynjy. **21.** Tohum at bilen tohum däl atdan bolan at. **22.** Miwe. **23.** Bedew. **24.** Aktýoryň sahna eseriniň haýsydyr bir gahrymany bolup janlandyrýan keşbi. **25.** Öwrenilen endik. **26.** Gereginden artyk. **28.** Iş guraly. **29.** Gapdal, böwür. **30.** «... döwlet geler bolsa, bagşy bilen ozan geler» (nakyl). **34.** Üýşürilip goýlan bölek. **38.** Braziliýada bir şäher ...-de-žaneýro. **40.** Taryhy wakanyň ýa-da belli şahsyň hormatyna dabaraly ýagdaýda ýazylan waspnama. **41.** Urug meňzeşligini görkezýän alamat. **42.** Haýsydyr bir wakanyň aýyny, ýylyny görkezýän wagt. **43.** Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň iňlis dilinde gysga ýazylyşy. **45.** Alys, uzak. **46.** Balygyň bir görnüşi. **48.** Kompýuter toplumynyň gysgaça ýazylyşy. **49.** Isleg, göwün. **50.** Güýç, kuwwat. **51.** Baýdak. **52.** Himiki element. **54.** Oglan ady. **55.** Ýiti tagam. **57.** Dagyň göni, dik galýan kert ýeri. **58.** Lebap welaýatynda ýerleşýän taryhy gala. **60.** Arap harpy. **61.** Düýäniň görnüşi. **63.** «...daş, ýürek ýakyn» (nakyl). **66.** Asman. **68.** «Bili ... boýy deraz, sargysy meýdanly bedew» (Mätäji). **69.** «Akpamyk» ertekisiniň gahrymany. **70.** Günorta Amerikadaky daglar toplumy. **73.** Planeta. **74.** Maglumatlary bermek ýa-da almak üçin ulanylýan şertli belgi. **77.** Günorta Aziýada bir derýa. **78.** «... aýlandym Tejen ýerlerne, ýaşlyk ýyllarymyň geçen ýerlerne» (K.Gurbannepesow). **79.** Bir zatdan çekinjeňlik, gaça durmak. **80.** Adamyň içki duýgusyny aňlatmaga hyzmat edýän sözler. **81.** Ýurdumyzda bir welaýat. **82.** Äht, wada. **83.** Söz gatmak, bir zat diýmek. **84.** Ýüz keşp, meňiz. **85.** Günäli, ýazykly. **86.** Türkmen şahyry Oraz ... **87.** Peder. **89.** Kompýuter düwmeleriniň biri.

28-nji skanwordyň jogaby:



38-nji krosswordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# 15-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi



Futbol bo[unca Türkmenistanyň Ýokary Ligasynda arakesme tamamlanyp, 15-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Ýeňlişsiz barýan «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Merw» toparyndan 7–0 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Şamämmet Hydyrow (35), Didar Durdyýew (40), Meýlis Diniýew (62, 66), Baýram Ataýew (77), Arzuwguly Sapargulyýew (82) hem-de Yhlas Toýjanow (87) geçirdi.

«Ahal» topary öz meýdançasynda «Köpetdag» toparyny 3–0 hasabynda utdy. Oýunda ýeňiş gazanan toparyň gollaryny 11-nji we 16-njy minutlarda Süleýman Mirzoýew bilen 82-nji minutda Ýakupmuhammet Gowşudow derweзä girizdi.

«Altyn Asyr» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da 3 gol hasaba alyndy. Çekeleşikli we dartgynly geçen duşuşykda «Altyn Asyr» 2–1 hasabynda üstün çykdy. Aragatnaşykçylara 3 utuk gazandyran gollary 53-nji minutda Röwşen Halmämmedow bilen 90-njy minutda Zafar Babajanow geçirdi. Ilkinji bolup hasaby açan «Aşgabat» toparynyň ýeke-täk goluny 15-nji minutda Agageldi Täçmämmedow öz adyna ýazdyrdy.

«Şagadam» bilen «Nebitçiniň» arasyndaky Balkan welaýaty derbisinde ýeňiş gazanan bolmady. Dartgynly geçen oýun 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Serdar Gulyýewiň 46-njy minutdaky goly bilen öňe geçen ýer eýeleri Serdar Tukiýewiň 90+3-nji minutda salan goluny saklap bilmedi. Oýnuň ahyrynda «Nebitçiden» Muhammet Annaýew gyzyl kart aldy.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 15 | 15 | 0 | 0 | 65-7 | 45 |
| 2 | «AHAL» | 15 | 10 | 3 | 2 | 36-6 | 33 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 15 | 10 | 2 | 3 | 30-18 | 32 |
| 4 | «MERW» | 15 | 4 | 2 | 9 | 17-43 | 14 |
| 5 | «NEBITÇI» | 15 | 4 | 2 | 9 | 10-25 | 14 |
| 6 | «ŞAGADAM» | 15 | 3 | 4 | 8 | 12-22 | 13 |
| 7 | «KÖPETDAG» | 15 | 3 | 2 | 10 | 14-36 | 11 |
| 8 | «AŞGABAT» | 15 | 3 | 1 | 11 | 18-35 | 10 |

# «Arkadag» topary AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşyna gatnaşar

Ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň saýlama tapgyrynda uly üstünlige eýe boldy. Arkadag şäherinde Hindistanyň «Goa» topary bilen duşuşan Türkmenistanyň çempiony 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Çekeleşikli geçen oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. Ýöne 2-nji ýarymda has erjel oýun görkezen türkmen futbolçylary jogapsyz 3 gol geçirmegi başardy. Gollary 61-nji minutda Meýlis Diniýew, 65-nji minutda Rahman Myratberdiýew hem-de 75-nji minutda Arzuwguly Sapargulyýew öz atlaryna ýazdyrdylar. Şeýlelikde, «Arkadag» topary bassyr 2-nji gezek AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň toparçalaýyn tapgyrynda çykyş eder.





Toparçalaýyn tapgyrda Gündogar we Günbatar sebitleriniň hersinde 16 topar bolup, olar her sebit üçin aýratynlykda 4 toparça paýlanar. Toparçalaýyn tapgyryň bije çekilişi 18-nji awgustda geçiriler.

**Günbatar sebiti**

**1-nji torba:** «Al Jazira» (BAE), «Al-Hussein» (Iordaniýa), «Al-Tawun» (Saud Arabystany), «Al-Wahda» (BAE)

**2-nji torba:** «Al-Raýýan» (Katar), «Gol Gohar» (Eýran), «Nasaf» (Özbegistan), «Al-Şorta» (Yrak)

**3-nji torba:** «Al-Faýsaly» (Iordaniýa), «Al-Muharrak» (Bahreýn), «Al-Sib» (Oman), «Al-Kuwait» (Kuweýt)

**4-nji torba:** «Al-Haldiýa» (Bahreýn), «Al-Nahda» (Oman), «Ist Bengal» (Hindistan), «Arkadag» (Türkmenistan)

**Gündogar sebiti**

**1-nji torba:** «Kaşima Antlers» (Ýaponiýa), «Çeonbuk Hýundai Motors» (Koreýa Respublikasy), «Buriram Ýunaýted» (Tailand), «Şanhai Port» (Hytaý)

**2-nji torba:** «Nýukasl Jets» (Awstraliýa), «Johor Darul Ta'zim» (Malaýziýa), «Wissel Kobe» (Ýaponiýa), «Tedjon Hana Sitizen» (Koreýa Respublikasy)

**3-nji torba:** «Port» (Tailand), «Beižing Guaon» (Hytaý), «Kaşiwa Reýsol» (Ýaponiýa), «Phohan Stilers» (Koreýa Respublikasy)

**4-nji torba:** «Ratçaburi» (Tailand), «Kýoto Sanga» (Ýaponiýa), «Gamba Osaka» (Ýaponiýa), «Gongan Hanoi» (Wýetnam)

# TRANSFER TÄZELIKLERI

**«Real Madridiň» iň gymmat transferi**

● Ispaniýanyň «Real Madrid» topary şu tomusdaky 7-nji transferini amala aşyrdy. Ispan kluby Germaniýanyň «Leipsig» toparynyň 19 ýaşyndaky kot-d'iwuarly ýarymgoragçysy Ýan Diomandeni 125 million ýewro transfer etdi. Ýene-de 15 million ýewro goşmaça tölegleriň bolmagy hem mümkin. Topar Diomande bilen 7 ýyllyk şertnama baglaşdy.



ABŞ-nyň aşaky ligalarynyň «AS Firenzi» toparynda futbola başlan Ýan Diomande Ispaniýanyň «Leganes» toparynda gysga wagtlyk çykyş edýär. Geçen tomusda 20 million ýewro transfer tölegi bilen «Leipsige» geçen Diomande bu klubda 36 oýunda 13 goly derweзä girizdi. Ol ispan toparynda 25-nji belgili köýnekçäni geýer. Diomande Kot-d'Iwuaryň ýygyndysynda 14 oýunda 3 gol geçirdi.

Diomande «Real Madridiň» taryhyndaky iň gymmat transfer bolup (ozalky rekord Bellingama degişlidi), ispan kluby bilen şertnama baglaşan ilkinji kot-d'iwuarly futbolçy diýlip hasaba alyndy. Şeýle-de, Diomande transferine iň köp pul tölenen afrikaly futbolçy bolup, ol bu ugurda Nikolas Pepeniň rekordyny (80 million ýewro) uly aratapawut bilen täzeledi.

* * *

● Fransiýanyň PSŽ topary «Monako» toparyndan Manes Akliuşy transfer etdi. «Milana» ugradylan portugaliýaly Gonzalu Ramuşyň ornuna alnan Akliuşyň transferi üçin PSŽ topary «Monako» klubuna 50 million ýewro tölär. Parižliler 24 ýaşyndaky fransuz hüjümçisi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2021-nji ýylda «Monakonyň» B toparynda futbol oýnap başlan Akliuş monte-karlolylaryň düzüminde 139 oýunda 23 gol geçirdi. Ol Fransiýanyň ýygyndysynda-da 10 oýunda 1 gezek tapawutlandy.

Fransiýanyň PSŽ topary «Aston Willadan» çep gyraky goragçy Luka Dini 3 ýyllyk şertnama bilen düzümine goşdy. PSŽ topary 33 ýaşyndaky Luka Diniň transferi üçin iňlis toparyna 10 million ýewro möçberinde töleg eder. Şeýlelikde, Luka Din 11 ýyldan soň PSŽ toparyna gaýdyp geldi. Ol 2013–15-nji ýyllar aralygynda PSŽ-de oýnapdy. «Lillde» futbola başlan Luka Din PSŽ-den soň, «Roma», «Barselona», «Ewerton», «Aston Willa» klublarynyň köýnekçelerini geýipdi. Luka Din Fransiýanyň milli ýygyndysynda 64 duşuşykda meýdança çykdy.






* * *

● «Premier Liganyň» soňky çempiony «Arsenal» topary «Nýukaslyň» braziliýaly ýarymgoragçysy Bruno Gimaraýnsy 87 million ýewro transfer etdi. 28 ýaşyndaky futbolçy topçular bilen 4 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi. Ol «Arsenalda» 39-njy belgide oýnar. Gimaraýns ýurdunyň «Audaks» hem-de «Atletiko Paranaense» toparlarynda oýnanyndan soň, 2020-nji ýylda Fransiýanyň «Lionyna», 2022-nji ýylda-da «Nýukasla» transfer boldy. Gimaraýns «Nýukaslda» 4,5 möwsümde 195 oýunda meýdança çykyp, şolarda 31 goly derweзä girizdi. Gimaraýns Braziliýanyň ýygyndysynyň köýnekçesini 48 gezek geýdi.



* * *

● Angliýanyň «Liwerpul» topary «Barselonanyň» urugwaýly goragçysy Ronald Arauho bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. Iňlis kluby 27 ýaşyndaky merkezi goragçyny möwsümiň ahyrynda ymykly transfer hem edip biler. Arauho futbol karýerasyna ýurdunyň «Rentistas» toparynda başlap, «Boston Riwer» klubunda oýnaýar. 2018-nji ýylda «Barselonanyň» düzümine goşulan Arauho ilki-ilkiler «B» toparda çykyş etse-de, soňlugy bilen, katalonlaryň esasy oýunçysyna öwrülýär. Ol «Barselonada» 213 duşuşykda 14 gol geçirdi.




* * *

● Angliýanyň «Lids Ýunaýted» topary «Mançester Sitiniň» derwezeçisi Jeýms Traffordy 47 million ýewro transfer etdi. 23 ýaşyndaky iňlis derwezeçisi täze kluby bilen 5 ýyllyk geleşige gol çekişdi. Ol «Lidsiň» iň gymmat transferi bolmak bilen, transferine iň köp pul tölenen angliýaly derwezeçi boldy. 2021-nji ýylda «Mançester Sitide» futbola başlan Trafford «Akkrington Stenli», «Bolton» klublarynda kärendesine oýnap, 2023-nji ýylda «Börnli» toparyna transfer boldy. 2025-nji ýylyň tomsunda täzeden «Mançester Siti» toparyna dolanan Traffordyň Angliýanyň milli ýygyndysy bilen 2 duşuşygy bar.



* * *

● «Real Madrid» topary argentinaly ýaş oýunçysy Franko Mastantuonony «Fiorentina» toparyna kärendesine ugratdy. 19 ýaşyndaky futbolçy italýan kluby bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol geçen tomusda «Realyň» düzümine goşulyp, köpüsinde ätiýaçdan oýna girip, jemi 35 duşuşykda 3 gol geçirdi. Mastantuono «Realdan» öň «Riwer Pleýtde» 2 möwsüm çykyş edipdi (64 oýunda 10 gol).



* * *

● Angliýanyň «Çelsi» topary ispan kluby «Raýo Wallekanonyň» çep gyraky goragçysy Pep Çawarriýany 19+2 million ýewro transfer etdi. 28 ýaşyndaky oýunçy iňlis topary bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Karýerasy boýunça «Unio Esportiwo», «Saragosa» toparlarynda çykyş eden Çawarriýa 2022-nji ýylyň tomsundan bäri-de «Raýo Wallekanoda» oýnap gelýärdi. Ol madridlileriň düzüminde 125 gezek meýdança çykdy.




* * *

● Taryhynda ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşjak «Komo» topary «Çelsiden» angliýaly goragçy Trewoh Çalobany transfer etdi. Italýan topary 27 ýaşyndaky goragçy üçin iňlis klubuna 30 million ýewro berer. Klub täze futbolçysy bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. 2018-nji ýylda «Çelside» professional karýerasyna başlan Çalobah dürli döwürlerde «Ipswiç Tawn», «Haddersfild Tawn», «Loriýan», «Kristal Palas» klublarynda kärendesine çykyş etdi.

* * *

● Türkiýäniň «Fenerbahçe» topary «Napoliden» belgiýaly ýyldyz hüjümçi Romelu Lukakuny 6 million ýewro transfer etdi. Türk kluby 33 ýaşyndaky oýunçy bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Futbola «Anderlehtde» başlan Lukaku «Çelsi», «West Bromwiç», «Ewerton», «Mançester Ýunaýted», «Inter», «Çelsi», «Inter», «Roma», «Napoli» klublarynyň köýnekçelerini geýdi. Ol klublarda 681 oýunda 315 gol geçirdi. Onuň Belgiýanyň ýygyndysynda-da 132 oýunda 92 goly bar.



* * *

● Türkiýäniň başga bir kluby «Beşiktaş» hem «Serie A»-dan ýyldyz oýunçy transfer etdi. Stambul şäheriniň wekili «Ýuwentusyň» serbiýaly hüjümçisi Duşan Wlahowiçi erkin agent ýagdaýynda, ýagny tölegsiz düzümine goşdy. 26 ýaşyndaky hüjümçi täze kluby bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşyp, «Beşiktaş» oňa her ýyl 8 million ýewro hak tölär. Wlahowiç «Partizanda» futbola başlap, «Fiorentinada» 4, «Ýuwentusda» 5 möwsüm çykyş etdi. Ol klublarda 303 duşuşykda 120 goly derweзä girizdi.



# «La Liganyň» täze möwsümi başlanýar

**ÇEMPION «REAL» ýa-da «BARSELONA», BELKI «ATLETIKO»**

● Dünýäniň öňdebaryjy çempionatlarynyň hatarynda görkezilýän «La Liganyň» täze 96-njy möwsümine ertir badalga berler. Möwsümiň ilkinji duşuşygynda «Alawes» bilen «Hetafe» toparlary duşuşarlar. «La Liganyň» ilkinji tapgyrynyň duşuşyklarynyň 6-sy 15-16-17-nji awgustda oýnalar. Dünýä Kubogyna köp oýunçy ugradan klublaryň duşuşyklary bolsa awgust aýynyň soňky günlerinde geçiriler.




Täze möwsümde çempionlygyň iň esasy dalaşgärleri hemişe bolşy ýaly, ýene-de «Barselona» bilen «Real Madrid» klublary bolar. Haýsy topar az ýalňyş goýberse, şonuň çempion bolan ligasynda 3-nji dalaşgär «Atletiko Madrid» hasaplanýar.

«Barselona» bilen «Real Madridiň» duşuşyklary, «Camp Nou»-daky oýun 26-njy oktýabrda (10-njy tapgyrda), «Bernabeu»-daky duşuşyk bolsa geljek ýylyň 10-njy maýynda oýnalar (35-nji tapgyrda).

Çempionata 6 topar täze tälimçi bilen başlap, olar «Real Madrid», «Wilýarreal», «Atletik Bilbao», «Osasuna», «Elçe», «Raýo Wallekano» toparlarydyr. «La Ligadaky» 20 klubuň 12-sine ispan tälimçileri tälim berýär. 8 tälimçi legionerler bolup, Portugaliýadyr Germaniýanyň hem-de Argentinanyň hersinden 2, şeýle-de Çili we ABŞ-dan 1 tälimçi ispan klublaryny türgenleşdirer.

«La Ligada» şu möwsümde çykyş etjek 20 klubuň 16-synyň eýesi ispan bolup, 4 kluba daşary ýurtlular eýeçilik edýär. «Espanýol» topary amerikaly Alan Peýsiň, «Walensiýa» singapurly Piter Limiň, «Elçe» argentinaly işewür Kristian Bragamigiň, «Malaganyň» paýnamalarynyň agramly bölegide katarly Şeýh Abdullah Al Taniniň eýeçiligindedir.



Liganyň täze toparlary, has takygy, «La Liga» çykan klublar «Rasing», «Deportiwo» hem-de «Malaga» klublary boldy. Santander şäheriniň «Rasing» topary 14, La Korunýa şäheriniň «Deportiwo» topary hem-de Malaganyň adybir «Malaga» kluby 8 ýyldan soň «La Liga» gaýdyp geldiler. Olaryň üçüsi hem täze möwsümde ligada galmak üçin göreşer.

● **BARSELONA.** Soňky 2 möwsümiň çempiony «Barselona» täze möwsüme-de germaniýaly Hansi Fligiň tälimçiliginde başlaýar. Katalonlar düzümine angliýaly Antoni Gordon bilen germaniýaly Karim Adeýemini goşdular. Robert Lewandowski, Ronald Arauho topardan giden bolsa, geçen möwsüm kärendesine oýnan Žoao Kanselo, Markus Reşford klublaryna dolandylar. Toparyň tomsuň soňky gününe çenli ýene-de 1-2 futbolçy transfer etmegine garaşylýar. «Barselonanyň» bu ýylda hem esasy maksady «La Ligada» bassyr 3-nji çempionlygyny gazanyp, onuň üstüni Çempionlar Ligasynyň çempionlygy bilen ýetirmek bolar. Ýamal, Rafinýa, Pedri, Gawi, Torres, Lopes, Olmo, Kubarsi, Gordon, Adeýemi toparyň iň esasy bil baglanýan futbolçylary hökmünde görülýär.

● **REAL MADRID.** Geçen möwsümi kuboksyz tamamlan «Real Madrid» täze möwsüme topary ozalam türgenleşdiren Žoze Mourinionyň tälimçiliginde başlaýar. Topar transfer möwsüminiň iň işjeň klublarynyň biri bolup, «Çelsiden» Mark Kukurelýany, «Liwerpuldan» Ibrahima Konateni, «Mançester Sitiden» Bernardo Silwany, «Interden» Denzel Dumfrisi, «Lewanteden» Karlos Espini hem-de «Leipsigden» rekord baha Ýan Diamondeni transfer etdi. Dani Sebalýos, Dani Karwahal, Dawid Alaba ýaly oýunçylaryň şertnamasy tamamlanyp, klubdan ugradyldy. Fran Garsiýa «Betise», Gonzalo Garsiýa «Fulhama», Franko Mastantuono «Fiorentina» (kärendesine) transfer boldy. Žoze Mouriniodan talap edilýän zat topary hem «La Ligada», hemem Çempionlar Ligasynda çempion etmek bolup, iki ýaryşda-da göreş ýeňil düşmese gerek. Mbappe, Bellingam, Winisius, Arda Güler toparyň iň esasy bil baglaýan ýyldyzlary bolar.




● **ATLETIKO.** «Barselonadyr» «Realyň» ýalňyşaryna garaşyp oturan «Atletiko Madrid» çempionlygyň 3-nji dalaşgäri hasaplanýar. «Atletikodaky» 15-nji möwsümini tamamlan Diego Simeone paýtagtlylaryň tälimçisi hökmünde 800-nji duşuşygyny geçirdi. Aleks Grimaldo, Morten Hýulmann, Li Kan In ýaly futbolçylary transfer eden klubdan Antuan Grizmann, Niko Gonzales, Kleman Lengle hem-de Tiago Almada başga toparlara gitdi.

● **BEÝLEKILER.** Geçen möwsümi 3-nji orunda tamamlan «Wilýarreal» toparynda tälimçi Marselinonyň wezipesini taşlamagyndan soň onuň deregine Inýigo Peres bellendi. Şol sanda «Atletik Bilbaoda» hem tälimçi Ernesto Walwerde wezipesini taşlady. Öňdäki orunlara ymtylýan iki klubuň tälimçi çalşygyndan soň nähili başarnyk görkezjekdigi belli däl. «Selta», «Betis», «Walensiýa» hem-de «Real Sosiedad» klublary öňdäki orunlar ugrunda göreş alyp barjak toparlar hasaplanýar.

| KLUBLAR | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|
| Alawes (Witoria-Gastes) | Campo de Futbol de Mendizorrotza — 19 840 | Kiki Sançes Flores |
| Atletik (Bilbao) | Estadio San Mames — 53 289 | Edin Terziç (Germaniýa) |
| Atletiko (Madrid) | Estadio Riyadh Air Metropolitano — 70 692 | Diego Simeone (Argentina) |
| Barselona (Barselona) | Camp Nou — 105 000 | Hansi Flik (Germaniýa) |
| Selta (Wigo) | Estadio ABANCA Balaidos — 24 870 | Klaudio Hiraldes |
| Deportiwo (La Korunýa) | Estadio ABANCA-RIAZOR — 32 660 | Antonio Hidalgo |
| Elçe (Elçe) | Estadio Martinez Valero — 31 388 | Martin Anselmi (Argentina) |
| Espanýol (Barselona) | RCDE Stadium — 37 776 | Manolo Gonzales |
| Hetafe (Hetafe) | Estadio Coliseum — 16 500 | Hoze Bordalas |
| Lewante (Walensiýa) | Estadio Ciutat de Valencia — 26 354 | Luis Kastro (Portugaliýa) |
| Malaga (Malaga) | La Rosaleda Stadium — 30 044 | Huan Fransisko Funýes |
| Osasuna (Pamplona) | Estadio El Sadar — 23 576 | Luis Migel Ramis |
| Rasing (Santander) | Campos de Sport de El Sardinero — 22 308 | Hose Alberto Lopes |
| Raýo Wallekano (Madrid) | El Campo de Futbol de Vallecas — 14 708 | Benýat San Hose |
| Betis (Sewilýa) | Estadio Olimpico de la Cartuja — 70 000 | Manuel Pellegrini (Çili) |
| Real Sosiedad (San Sebastian) | Reale Arena — 39 313 | Pellegrino Matarazzo (ABŞ) |
| Real Madrid (Madrid) | Bernabéu — 83 186 | Žoze Mourinio (Portugaliýa) |
| Sewilýa (Sewilýa) | Estadio Ramon Sanchez-Pizjuan — 43 883 | Luis Garsiýa |
| Walensiýa (Walensiýa) | Camp de Mestalla — 49 430 | Karlos Korberan |
| Wilýarreal (Wilýarreal) | Estadio de la Ceramica — 23 008 | Inýigo Peres |

**IŇ KÖP ÇEMPION BOLAN TOPAR — «REAL MADRID»**

● 1929-njy ýylda esaslandyrylan Ispaniýanyň «La Ligasynda» şu wagta çenli 3 topar ähli möwsümde çykyş etdi. «Real Madrid», «Barselona» hem-de «Atletik Bilbao» klublary ýeke gezek hem aşaky liga düşmän 96-njy möwsüme gadam basdylar. «Walensiýa» 92, «Atletiko» bilen «Espanýol» 90 möwsüm çykyş etdi. Umumylykda, «La Ligada» 63 klub azyndan 1 möwsüm oýnady.



Iň köp çempionlyk gazanan klub «Real» bolup, madridlileriň 36 çempionlygy bar. «Barselona» 29, «Atletiko» 11, «Atletik» 8, «Walensiýa» 6, «Real Sosiedad» 2, «Deportiwo», «Sewilýa» hem-de «Betis» 1 gezek çempion bolmagy başardy. «La Ligada» jemi 9 kluba çempionlyk gazanmak miýesser etdi.

«La Ligada» iň köp duşuşyk geçirenler derwezeçi Andoni Zubizaretta («Atletik», «Barselona», «Walensiýa») bilen ýarymgoragçy Hoakin («Betis», «Walensiýa», «Malaga») bolup, olaryň hersi 622 oýunda meýdança çykdy. 2 ýyl öň karýerasyny tamamlan Raul Garsiýa («Osasuna», «Atletiko», «Atletik») 609 oýun bilen 3-nji ýerde barýar.

**MESSI — IŇ KÖP GOL GEÇIREN FUTBOLÇY**

● «La Ligada» iň köp gol geçiren oýunçy Lionel Messi bolup, argentinaly ýyldyz 520 duşuşykda 474 goly derweзä girizdi. Portugaliýaly Kristiano Ronaldo 292 duşuşykda 311 gezek tapawutlandy. Bu iki ýyldyzdan öň Telmo Zarranyň 251 golluk rekordy 70 ýyla golaý saklanypdy. Fransiýaly Karim Benzema 238, meksikaly Hugo Sançes 234 gol bilen 4-5-nji orunlary eýeleýärler.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «MILAN» we «REAL MADRIDDEN» SOŇ PSŽ

**UEFA Çempionlar Ligasynda bolşy ýaly, UEFA Super Kubogynda hem ýeňiji üýtgemedi. Awstriýanyň Salsburg şäherindäki «Red Bull Arena»-da geçirilen UEFA Super Kubogy duşuşygynda Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi PSŽ bilen Ýewropa Ligasynyň ýeňijisi «Aston Willa» toparlary özara güýç synanyşdy.**




Çekeleşikli geçen oýna 27 müň 681 janköýer tomaşa edip, duşuşykda somalili Omar Artan jürlewük çaldy. Mälim bolşy ýaly, ol Dünýä Kubogyna çagyrylsa-da, ABŞ-a girip bilmändi. Omar Artan UEFA-nyň klub ýaryşlarynda eminlik eden ilkinji ýewropaly bolmadyk emin hökmünde taryha girdi.

Duşuşyga iňlis kluby hüjümler bilen başlan hem bolsa, PSŽ oýnuň jylawyny ele almagy başardy. Duşuşygyň 20-nji minutynda Hwiça Kwarasheliýa owadan urgy bilen parižlileri öňe saýlady. Iňlis toparynyň bu gola jogaby 1-nji ýarymyň ahyrynda boldy. Oýnuň 45-nji minutynda 17 ýaşyndaky Braýan Madžo hasaby deňledi.

2-nji ýaryma hem iňlisler erjel başlady. Ýöne 61-nji minutda garşylyklaýyn hüjümde Desire Due PSŽ-ni öňe geçirdi. Bu gola Unaý Emeriniň şägirtleri jogap bermek üçin tagalla baryny etselerem, olara hasaby deňlemek başartmady. Hatda PSŽ toparyna aratapawudy açmaga mümkinçilikler hem boldy. Netijede, duşuşyk 2-1 hasabynda PSŽ-niň ýeňşi bilen tamamlandy. PSŽ topary UEFA Super Kubogyny bassyr 2-nji gezek gazanan 3-nji topar hökmünde hasaba alyndy. PSŽ-den öň «Milan» 1989–90-njy ýyllarda hem-de «Real Madrid» 2016–17-nji ýyllarda yzly-yzyna bu kubogy asmana göteripdi.

Tälimçi Luis Enrike 3-nji gezek UEFA Super Kubogyny gazandy (2015, 2025, 2026). Ispaniýaly hünärmenden öňde italiýaly Karlo Ançelotti (5) bilen ispaniýaly Pep Guardiola (4) bar.

Unaý Emeri 2014-nji, 2015-nji, 2021-nji ýyllardan soň, 4-nji gezek Super Kubogy duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy. Ussat tälimçiniň häzirlikçe UEFA Super Kubogynda ýeňşi ýok.

«Aston Willanyň» ýeke-täk goluny geçiren Madžo UEFA Super Kubogynda tapawutlanan iň ýaş oýunçy boldy. Bu ugurda ozalky rekord Patrik Kluiwerte degişlidi (19 ýaş).

**PSŽ:** Safonow — Hakimi, Markiniuos, Paço, Nunu Mendeş (Lukas Hernandes 74) — Žoao Neweş (Fabian Ruis 75), Witinýa, Zair-Emeri — Akliuş (Dembele 46), Due (Maýulu 87), Kwarasheliýa (Lukas Beraldo 88); Tälimçi: Luis Enrike

**ASTON WILLA:** Bizot — Keş, Lindelöf, Pau Torres (Mings 80), Maatsen — MakGinn (Alisson 72), Žoao Gomes (Barkli 80), Kamara (Bogard 72), Hemmings — Buendia, Madžo (Abraham 72); Tälimçi: Unaý Emeri

### SUPER KUBOGYŇ TARYHY

● 1971-nji ýylda Niderlandlaryň «De Telegraaf» gazetiniň sport žurnalisti, soň sport redaktory bolan Anton Witkamp tarapyndan Ýewropanyň futbol assosiasiýasyna UEFA Super Kubogy duşuşygyny döretmek barada teklip edilýär. Şol wagtlar «Aýaks» yzly-yzyna 3 gezek UEFA Çempionlar Ligasynda ýeňiji bolupdy. UEFA Witkampyň teklibini kabul etmeýär. Ýöne şonda-da 1972-nji ýylda «Aýaks» bilen «Reýnjers» duşuşýar we amsterdamlylar 2 oýnuň netijesi boýunça 6-3 hasabynda üstün çykyp, kubogy eýeleýär. «De Telegraaf» gazetiniň hemaýatkärliginde geçirilen bu oýny UEFA resmi ýagdaýda tassyklamaýar. Sebäbi «Reýnjers» topary Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň finalynda toparyň janköýerleriniň bitertip hereketlerini nazarda tutup, kluba jerime salýar. UEFA 1973-nji ýyldan başlap, UEFA Super Kubogyny tassyklap başlaýar. Resmi tassyklanan ilkinji UEFA Super Kubogyna «Aýaks» mynasyp bolup, olar UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň ýeňijisi «Milany» 1-nji oýunda utulsa-da (1-0), 2-nji oýunda uly hasap (6-0) bilen ýeňlişe sezewar edýär.

UEFA Super Kubogy duşuşygy 1997-nji ýyla çenli 2 duşuşyk esasynda geçirilýär. Ýagny Çempionlar Ligasynyň hem-de Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň ýeňijisiniň meýdançasynda oýnalýar. 1998-nji ýyldan başlap, duşuşyklar Monakonyň paýtagty Monte Karlodaky «Stade Louis II» stadionynda geçirilýär. 1999-njy ýylda Kubokçylaryň Kubogy ýaryşy soňky gezek geçirilip, mundan soň UEFA Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi bilen UEFA Kubogynyň (häzirki Ýewropa Ligasynyň) ýeňijisi bilen oýnalmaly edilýär. Duşuşyk 2013-nji ýyldan Ýewropanyň dürli şäherlerindäki stadionlarda geçirilip başlanýar.





UEFA Super Kubogy duşuşygy 1974-nji, 1981-nji hem-de 1985-nji ýyllarda dürli sebäplere görä, oýnalmaýar. Şu wagta çenli 50 gezek geçirilip, bu kubogy 30 sapar Çempionlar Ligasynyň çempiony gazanýar. UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň ýeňijileri 12, Ýewropa Ligasynyň çempionlary-da 8 gezek kubogy asmana göterýär. Soňky gezek Ýewropa Ligasynyň ýeňijisi 2018-nji ýylda kubogy eýeläpdi («Atletiko Madrid»).

### IŇ KÖP «REAL MADRID» EÝELEDI

● Bu kubogy şu wagta çenli 12 ýurtdan 25 klub gazanmagy başarýar. Kubogy iň köp «Real Madrid» kluby gazanyp, olar 6 gezek ýeňiji bolýar (2002, 2014, 2016, 2017, 2022, 2024). «Milandyr» (1989, 1990, 1994, 2003, 2007) «Barselonanyň» (1992, 1997, 2009, 2011, 2015) 5 ýeňşi bolup, «Liwerpul» (1977, 2001, 2005, 2019) 4, «Atletiko Madrid» (2010, 2012, 2018) 3, «Aýaks» (1973, 1995), «Anderleht» (1976, 1978), «Bawariýa» (2013, 2020), «Çelsi» (1998, 2021), «Ýuwentus» (1984, 1996), «Walensiýa» (1980, 2004) hem-de PSŽ (2024, 2025) klublary 2 gezek UEFA Super Kubogyny eýeleýär. «Dinamo Kiýew» (1975), «Nottingham Forest» (1979), «Aston Willa» (1982), «Aberdin» (1983), «Stýaua» (1986), «Porto» (1987), «Mehelen» (1988), «Mançester Ýunaýted» (1991), «Parma» (1993), «Lasio» (1999), «Galatasaraý» (2000), «Sewilýa» (2006), «Zenit» (2008) hem-de «Mançester Siti» (2023) toparlary bolsa 1 gezek bu arzyly kubogy gazanýar.

### «SEWILÝA» 6 GEZEK ÝEŇILDI

● «Sewilýa» 6 gezek UEFA Super Kubogy duşuşygynda ýeňlip, bu ugurda öňde barýar (2007, 2014, 2015, 2016, 2020, 2023). «Barselona» 4, «Real Madrid», «Çelsi», «Bawariýa», «Porto» hem-de «Mançester Ýunaýted» 3, «Milan» we «Liwerpul» 2 gezek ýeňlişe sezewar bolýar. Germaniýanyň «Hamburg» topary kubogy gazanyp bilmedik klublaryň arasynda 2 gezek asgyn gelen ýeke-täk topardyr. PSW, «Sampdoriýa», «Srwena Zwezda», «Werder», «Arsenal», «Saragosa», «Borussiýa Dortmund», «Feýenoord», «SSKA Moskwa», «Şahtýor Donesk», «Inter», «Wilýarreal», «Aýntraht», «Atalanta» hem-de «Tottenham» toparlaryda UEFA Super Kubogyny gazanmak mümkinçiligine 1 gezek eýe bolup, garşydaşlaryndan utulýar.






## Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyryna çykan toparlar belli boldy

UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji saýlama tapgyryň jogap duşuşyklary geçirildi. Tapgyryň iň garaşylmadyk netijesi Belgradda hasaba alyndy. Serbiýanyň çempiony «Srwena Zwezda» topary öz meýdançasynda Ysraýylyň «Hapoel Be'er Şewa» toparyndan 2-0 (Zlatanowiç 61, Ist 79) hasabynda asgyn geldi. 1-nji oýunda-da 1-0 hasabynda utulan serb topary ýoluny Ýewropa Ligasynda dowam etdirer.



Azerbaýjanyň çempiony «Sabah» topary öz meýdançasynda Daniýanyň çempiony AGF toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. 1-nji oýunda 2-1 hasabynda asgyn gelen «Sabah» toparynyň gollaryny Simiç (59), Solwet (67), Mikels (78) hem-de Sewerina (89) öz atlaryna ýazdyrdylar. «Sabah» topary indiki tapgyrda «Hapoel Be'er Şewa» bilen duşuşar.

Gazagystanyň «Kairat» topary edil myhmançylykdaky ýaly öz meýdançasynda-da Bolgariýanyň çempiony «Lewski Sofiýadan» 1-0 hasabynda asgyn geldi (Reinaldo 13). «Lewski» topary pleý-off tapgyrynda Gresiýanyň çempiony AEK bilen duşuşyp, 20 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşmak üçin göreşer.

Sloweniýanyň çempiony «Selýe» öz meýdançasynda Ermenistanyň «Ararat-Armenia» toparyny oýnuň ahyrlarynda 2 minutda Dukulyň (83) we Werbiçiň (85) geçiren gollary esasynda 2-0 hasabynda utup, pleý-off tapgyryna çykmagy başardy. «Selýe» topary 1-nji oýunda 2-1 hasabynda ýeňlipdi.

Slowakiýanyň çempiony, kot-d'iwuarly Ýaýa Tureniň tälim berýän «Slowan Bratislawa» kluby öz meýdançasynda-da Şwesiýanyň çempiony «Mýallbýu» toparyny Kamaranyň (47) hem-de Ýirajangyň (78) takyk urgulary esasynda 2-0 hasabynda ýeňip, pleý-off tapgyrynda «Selýeniň» garşydaşy boldy.

1-nji oýunda jogapsyz 5 gol geçiren «Dinamo Zagreb» myhmançylykda Litwanyň «Kaunas Žalgiris» toparyny 2-1 hasabynda utdy. Horwatiýanyň wekili pleý-off tapgyrynda Norwegiýanyň çempiony «Wiking» bilen duşuşar.

Çempion däl toparlaryň arasyndaky duşuşyklarda «Fenerbahçe» topary myhmançylykda hem «Şturm Grasy» ýeňmegi başardy. Anderson Taliskanyň 66-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly arkaly 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Fenerbahçe» topary pleý-off tapgyrynda «Lion» bilen duşuşar. Fransiýanyň «Lion» topary 3-nji saýlama tapgyrynda çehleriň «Sparta Praga» toparyny 3–0 hasabynda ýeňdi. Fransuz klubuna ýeňiş getiren gollary Nuamah (20), Maitland-Naýlz (66) hem-de Morton (72) geçirdi. «Lion» topary 1-nji oýunda 2-1 hasabynda asgyn gelipdi.

Niderlandlaryň çempionatyny 3-nji orunda tamamlan «NEK Niýmegen» topary öz meýdançasynda Gresiýanyň wise-çempiony «Olimpiakosy» ýaryşdan çykardy. Pireýde golsuz geçen oýnuň jogap duşuşygynda NEK goşmaça wagtda 2-1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy (Linssen 70, Emre Mor 95 – El Kaabi 46).

Tapgyryň iň çekeleşikli geçen duşuşygy ýene-de «Bude-Glimt» bilen «Ýunion Sent-Žilluaz» toparlarynyň arasyndaky oýunda hasaba alyndy. Bir hepde öňki oýun 3-3 hasabynda deňlikde tamamlanypdy. Bu gezek toparlar Norwegiýada duşuşyp, ýeňiji goşmaça wagtda belli boldy. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýunda ýer eýeleri Blombergiň 51-nji minutdaky goly bilen öňe saýlansa-da, 62-nji minutda myhmanlar Gillerme-Smitiň goly esasynda hasaby deňledi. 76-njy minutda Piter Haugeniň goly bilen «Bude-Glimt» 2-nji gezek öňe geçdi. Ýöne ýene-de myhmanlar Fuseininiň 88-nji minutdaky goly bilen hasaby deňlemegi başardy. Goşmaça wagtyň tamamlanmagyna 3 minut galanda, has takygy, 117-nji minutda Helmersoniň goly bilen Norwegiýanyň wise-çempiony 3-nji gezek öňe saýlandy. Emma bu gezek myhmanlar hasaby deňläp ýetişmediler we ýaryşdan çykmaly boldular. «Bude-Glimt» topary geçen ýylky ýaly liga tapgyryna çykmak üçin pleý-off tapgyrynda «NEK Niýmegen» toparyny ýeňmeli bolar. Geçen möwsümde taryhynda ilkinji gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşan «Ýunion Sent-Žilluaz» topary bu gezek Ýewropa Ligasyna wekilçilik eder.

UEFA Çempionlar Ligasynda final tapgyryna gatnaşjak soňky 7 topary kesgitleýän pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýunlary 18-19-njy awgustda oýnalar. Jogap duşuşyklary bolsa 25-26-njy awgustda geçiriler.

27-nji awgustda-da UEFA Çempionlar Ligasynyň 35, umumylykda bu ýaryşyň 72-nji möwsüminde haýsy klublaryň haýsy toparlar bilen duşuşyk geçirjekdigini bijeleri çekiler.

***3-nji saýlama tapgyryň jogap duşuşyklarynyň netijeleri:***
Kaunas Žalgiris – Dinamo Zagreb: 1-2 (0-5)
Slowan Bratislawa – Mýallbýu: 2-0 (2-1)
Kairat – Lewski Sofiýa: 0-1 (0-1)
Sabah – AGF: 4-0 (0-1)
Selýe – Ararat-Armenia: 2-0 (1-2)
Srwena Zwezda – Hapoel Be'er Şewa: 0-2 (0-1)
NEK Niýmegen – Olimpiakos: 2-1 g.w. (0-0)
Bude-Glimt – Ýunion Sent-Žilluaz: 3-2 g.w. (3-3)
Şturm Gras – Fenerbahçe: 0-1 (0-2)
Lion – Sparta Praga: 3-0 (1-2)

***Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary:***
Lewski Sofiýa – AEK Afiny
Seltik – LASK
Dinamo Zagreb – Wiking
Slowan Bratislawa – Selýe
Hapoel Be'er Şewa – Sabah
Fenerbahçe – Lion
NEK Niýmegen – Bude-Glimt


TÜRKMENISTANYŇ «DAÝHANBANK» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

**Hormatly talyplar hem-de mähriban ene-atalar!**

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, «Talyp karzy» atly bank karzyny hödürleýär:

«Talyp karzy» ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň diňe degişli okuwynyň tölegini tölemek üçin nagt däl görnüşinde berilýär.

Karzyň möçberi: **42 000 manada çenli;**

Göterim derejesi: **ýyllyk 5 göterim;**

Möhleti: **3 ýyl;**

**Karzyň üpjünçiligi hökmünde 10 000 manat möçberine çenli bir ýa-da birnäçe raýatyň zamunçylygy, 15 000 manat möçberine çenli iki ýa-da birnäçe raýatyň zamunçylygy we 15 000 manatdan ýokary 42 000 manat möçberine çenli bolsa, girew kabul edilýär.**

Hormatly talyplar we ene-atalar! Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky «Talyp karzyndan» peýdalanmak isleýän müşderileriniň ýüztutmalaryny we degişli resminamalaryny bankyň resmi **www.dayhanbank.gov.tm** internet sahypasy arkaly onlaýn görnüşinde kabul edýändigini ýatladýar.

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**

**Aşgabat şäheri:** (+ 993 12) **38-03-79, 38-02-86, 24-44-55, 24-52-85.**
**Ahal welaýaty:** (+ 993 137) **33-4-39.**
**Balkan welaýaty:** (+ 993 246) **52-1-51.**
**Daşoguz welaýaty:** (+ 993 322) **93-5-07.**
**Lebap welaýaty:** (+ 993 422) **91-3-48.**
**Mary welaýaty:** (+ 993 522) **67-6-40.**